«7/24.tm»: «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron goşundysy
№ 35 (222)
26.08.2024

# TÜRKMENISTAN SPORT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ BEDENTERBIÝE WE SPORT BARADAKY DÖWLET KOMITETI

7/24.tm




## TÜRKMENISTANYŇ FUTBOL TOPARLARY AFK-nyň KLUBLARYŇ ARASYNDAKY ÝARYŞLARYNDA ÇYKYŞ EDÝÄRLER




# HEPDÄNIŇ HABARLARY

◆ **19.08.2024 ý.** Gadymy Änew şäheriniň Türki medeniýetiň halkara guramasy (TÜRKSOÝ) tarapyndan 2024-nji ýylda «Türki dünýäsiniň medeni paýtagty» diýlip yglan edilmegi mynasybetli çäreler meýilnamasynyň çäginde Türkmenistanyň Şekillendiriş sungaty muzeýinde «Änew medeniýetiniň sungatdaky keşbi» mowzugynda «Tegelek stol» geçirildi.

◆ **20.08.2024 ý.** «Kids Expo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasynyň çäginde «Sagdyn nesil — milletiň saglygy» atly maslahat geçirildi.

◆ **24.08.2024 ý.** Döwlet medeniýet merkeziniň Mukamlar köşgünde Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň guramagynda her ýyl geçirilýän "Çalsana, bagşy!" atly döredijilik bäsleşiginiň jemleýji tapgyry geçirildi.

◆ **25.08.2024 ý.** Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Hormatly il ýaşulusy Gurbanguly Berdimuhamedow zähmet rugsady wagtynda Ahal welaýatynyň Bäherden etrabyndaky «Arçman» şypahanasynda bolup, onuň çäginde gurulmagy meýilleşdirilýän we durky täzelenilýän binalaryň taslamalary, şypahananyň bejeriş düzümini kämilleşdirmegiň mümkinçilikleri bilen tanyşdy.

◆ **26.08.2024 ý.** Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle-de hut öz adyndan Estoniýa Respublikasynyň Prezidenti Alar Karise hem-de ýurduň halkyna iki ýurduň arasynda diplomatik gatnaşyklaryň ýola goýulmagynyň 30 ýyllygy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

**www.tdh.gov.tm**

# AŞGABAT WE ARKADAG ŞÄHERLERINDÄKI SAGLYK EDARALARYNA HIL ULGAMYNYŇ LAÝYKLYK GÜWÄNAMASY BERILDI

◆ Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Döwlet arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gullugynyň Aşgabat we Arkadag şäherleriniň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynyň barlaghanalaryna hil ulgamynyň laýyklyk güwänamalary berildi.

«Türkmenistan» gazetinde habar berlişi ýaly, berlen güwänamalar degişli düzümlerdäki işleriň TDS ISO 9001 standartynyň bellenen talaplaryna laýyk gelýändigini tassyklaýar. ISO 9001 dünýäde hili dolandyrmak boýunça ykrar edilen standart bolup, ähli ölçeglerdäki edaralara, pudaklara işlerini kämilleşdirmäge, bildirilýän talaplary ýerine ýetirmäge, hil boýunça ygrarlylygyny görkezmäge ýardam edýär. Bu standartyň işe ornaşdyrylmagy arassaçylyk gulluklarynda işleriň netijeli alnyp barylýandygyny, hünärmenleriň öz işlerini ýokary derejede amala aşyrýandygyny, hyzmatlaryň gysarnyksyz berjaý edilýändigini görkezýär.

Aşgabat we Arkadag şäherleriniň Arassaçylyk we keselleriň ýaýramagyna garşy göreşmek gulluklarynyň işiniň baş maksady ilatyň sanitariýa-epidemiologik taýdan abadançylygyny üpjün etmek babatda çäreleri guramakdan, utgaşdyrmakdan we gözegçilik barlagyny amala aşyrmakdan ybaratdyr. Belläp geçsek, hil ulgamynyň laýyklyk güwänamasyna ýakynda Jemgyýetçilik saglygy we iýmit merkezi hem mynasyp boldy.



# ÇAGALAR ÜÇIN SOWGAT

## Aşgabat şäherinde ýurdumyzda ilkinji gezek «Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkasy geçirildi

◆ Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy we «Türkmen Ekspo» hususy kärhanasy tarapyndan bilelikde guralan giň gerimli gözden geçirilişde çagalar üçin harytlar we hyzmatlar pudagynda iş alyp barýan ýurdumyzyň we Russiýanyň, Germaniýanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň, Portugaliýanyň, Italiýanyň, BAE-niň, Türkiýäniň, Singapuryň, Hytaýyň, Bahreýniň, Beýik Britaniýanyň, Gyrgyzystanyň, Gazagystanyň kompaniýalary öz önümlerini görkezdiler.

Kaşaň «Garagum» myhmanhanasynyň ýanyndaky giň açyk meýdançada ir bilen baýramçylyk ýagdaýy emele geldi. Çagalar döredijilik toparlarynyň joşgunly aýdym-sazly çykyşlary dabara aýratyn öwüşgin çaýdy.

Dört günläp dowam eden forumda paýtagtymyzyň ýaşaýjylary we myhmanlary tematiki ugurly dürli görnüşli önümleriň köpsanlysyny özünde jemleýän diwarlyklar bilen tanyşdylar. Şunda sergä gelýänleri diňe bir bu ýerde görkezilýän ýokary hilli harytlaryň giň görnüşi däl-de, eýsem, olaryň täze doglandan başlap, dürli ýaşdaky çagalara niýetlenendigi hem özüne çekdi.

Täze okuw ýylynyň öňüsyrasynda mekdep harytlaryny özünde jemlän pawilýonlar aýratyn gyzyklanma döretdiler. Däbe görä, tomsuň soňky aýynda ýurdumyzyň ähli künjeginde her ýyl ýaýbaňlandyrylýan mekdep bazarlarynda bolşy ýaly, bu ýerde-de islegiňe görä, mekdep lybaslaryny, aýakgaplary, okuw torbalaryny, ýazuw depderlerini we beýlekileri saýlamaga mümkinçilik döredildi.

Sergä gatnaşýan döwlet we hususy düzümlere, daşary ýurt kompaniýalaryna öz alyp barýan işleri, önümleri, hödürleýän hyzmatlary bilen giň halk köpçüligini tanyşdyrmaga amatly şertler döredildi. Bu ýerde görkezilýän neşir önümleri, şol sanda şu ýyl doglan gününiň 300 ýyllygy diňe bir ýurdumyzda däl, eýsem, tutuş dünýäde giňden bellenilýän Magtymguly Pyragynyň eserleri gözden geçirilişe gelýänlerde uly gyzyklanma döretdi. Sergide Milli Liderimiziň we hormatly Prezidentimiziň kitaplaryna möhüm orun berlipdir.

Şu gezekki sergä dabaranyň esasy gahrymanlary bolan ýaşajyk raýatlaryň işjeň gatnaşmagy onuň esasy aýratynlygy boldy. Ýurdumyzyň belli modeller öýleriniň täze taýýarlan, owadan çaga lybaslarynyň görkeziliş dabarasy hem hut şolara gönükdirildi. Zehinli dizaýnerlerimiz tarapyndan döredilen her bir lybas özünde däp bolan milli äheňleri we dünýäniň häzirki zaman modasynyň ýörelgelerini sazlaşykly utgaşdyrmak bilen, gaýtalanmajak esere öwrülýär.

«Çagalygyň täsin dünýäsine» gelýän ýaş nesliň wekilleri üçin meşhur ertekileriň, belli multfilmleriň gahrymanlarynyň keşbini döreden animatorlaryň, artistleriň dürli tanyşdyrylyş çäreleri, ýaşajyk zehinleriň ukyp-başarnyklaryny görkezýän şüweleňi, türkmen sportunyň ýyldyzlarynyň sport çykyşlary we olar bilen duşuşyklar guraldy.

Sergi-ýarmarkanyň jemleýji gününde çagalaryň çeken suratlarynyň we elde ýasan oýunjaklarynyň bäsleşikli söwdasy geçirildi. Merkezi Aziýada şu ugra ýöriteleşen bu iň iri sergi ösüp gelýän ýaş nesle niýetlenen önümleriň köpsanly görnüşleri bilen paýtagtymyzyň ýaşaýjylaryny hem-de myhmanlaryny tanyşdyrmaga mümkinçilik döretdi.

«Kids Ekspo: ähli zat çagalar üçin» atly halkara sergi-ýarmarkanyň çäklerinde göz öňünde tutulan işewürlik duşuşyklary Türkmenistanyň gyzyklanma bildirýän ähli ýurtlar bilen ynanyşmak, özara hormat goýmak ýörelgelerine, ýagty geljek üçin ählumumy tagallalara esaslanýan ynanyşmak gatnaşyklaryna hemişe açykdygyny aýdyň görkezdi. Sergi öz işini 22-nji awgustda tamamlap, onuň ahyrynda gatnaşyjylara degişli diplomlar gowşuryldy.

**Ýakupgeldi AMANNIÝAZOW,**
**Ý.Kakaýew adyndaky Halkara nebit we gaz uniwersitetiniň ylmy işler boýunça prorektory.**



# ÝAŞLAR BIZIŇ GELJEGIMIZDIR

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe gözel Diýarymyzda gysga döwürde gurlup ulanylmaga berlen sport mekdepleridir desgalary bu günki bagtyýar ýaşlaryň gelim-gidimli hem-de gyzykly we çekeleşikli ýaryşlaryň geçirilýän ýerine öwrüldi. Bu sport desgalary dünýä ülňülerine laýyk gelip, olarda her bir raýatyň sportda kämilleşmegi, beden taýdan taplanmagy üçin ähli şertler döredilendir.

«Sagdynlyk bar ýerinde bagtyýarlyk bar» diýýän halkymyz bu gün bagtly durmuşyň hözirini görüp ýaşaýar. Ynsan saglygyny goramakda, sagdyn durmuş ýörelgesini rowaçlandyrmakda uly ähmiýete eýe bolan köpçülikleýin bedenterbiýäniň ähli ulgamlary gurşap almagy sport ýurduna öwrülen eziz Diýarymyzda ýaş nesliň sagdynlygyny, bagtyýarlygyny gazanmak ýaly belent başlangyçlara gönükdirilendir.

Biziň zähmet çekýän mekdebimizde hem ýaş nesliň sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermegini, ýaşlaryň zyýanly endiklerden daşda durmaklaryny gazanmak ugrunda toplumlaýyn çäreler geçirilýär. Şeýle çäreleriň dowamynda akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň saglyga zeper ýetiriji zyýanly endikleri ýazgarýan goşgularynyň many-mazmuny düşündirilýär.

Häzirki wagtda sport, köpçülikleýin bedenterbiýe, sagdyn durmuş ýörelgesi ýurdumyzda döwlet derejesinde üns berilýän ugurlar hökmünde öňe çykýar. Bize — sport ulgamynyň işgärlerine bolsa şeýle ajaýyp sport toplumlarynda we mekdeplerinde kämil türgenleri ýetişdirmekde güýjümizi gaýgyrman işläýmek galýar.

Bize şeýle döwrebap, kämil mekdeplerde zähmet çekmäge döredip berýän ähli mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza köp sagbolsun aýdýarys.

**Arazdurdy SAPAROW,**
**Köneürgenç etrabynyň 1-nji sport mekdebiniň direktorynyň orunbasary.**

# WATANÇYLYK BUÝSANJY

◆ Baýramaly şäher häkimligi, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Baýramaly şäher bölümi, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşi, şäher bilim bölümi bilen bilelikde Baýramaly şäherindäki «Berkarar» sport desgasynda zähmet çekýän halypa mugallymlaryň we hünärmenleriň gatnaşmaklarynda wagyz-nesihat duşuşygy geçirildi. Duşuşykda Baýramaly şäher häkiminiň orunbasary, Baýramaly şäher häkimliginiň 1-nji derejeli hünärmeni, Türkmenistanyň zenanlar birleşmesiniň işjeň agzasy Ogulşirin Amangeldiýewa, Baýramaly şäher polisiýa bölüminiň Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işi boýunça bölümçesiniň müdiri, polisiýanyň maýory Nazar Muhammedow, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Baýramgeldi Gaýypow çykyş etdiler. Maslahatda çykyş edenler talyp ýaşlary watansöýüji nesil bolmaga çagyrdylar. Bu babatda bize görelde bolýan Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşly sözlerini aýtdylar.

**Eziz SAPAROW,**
**Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň başlygy.**



# YKBALLARDA ŞANLY SENE

◆ 1-nji sentýabr diýlende, göz öňüňe bada-bat şadyýan çagalardan doly ak mekdep hem-de goýnuna jemlenen uly-kiçi hemmeleriň kalbyny tolgundyryjy şatlykdan pürepürleýän «Ilkinji jaň» dabarasy gelýär. Häli-häzirlerem, mekdebi tamamlanyňa nije ýyllar geçenem bolsa, onuň deňinden geçeniňde hemmeleri joşduran şol jaň sesi biygtyýar gulagyňda ýaňlanýar. Şeýdip, haýsy kärde zähmet çekip, näçe ýyl ömri arka atandygyna garamazdan, ynsan üçin ylym-bilim dünýäsiniň merhemetli gapysynyň açylýan güni — 1-nji sentýabr ykbalyň iň şanly senelериniň biri bolup, her ýyl millionlarça, belki-de milliardlarça adamyň göwün guşuny asmana uçuryp, gaýta-gaýta gaýtalanyp gelip dur.

Biziň ýurdumyzda 1-nji sentýabryň Bilimler we talyp ýaşlar güni diýen belent derejä eýe bolmagynda uly many bar. Bu belent dereje ajaýyp senäniň örüsini has-da giňeldip, onuň manysyny öňküden-de çuňlaşdyrýar. Gahryman Arkadagymyzyň başlangyçlary, hormatly Prezidentimiziň giň tagallasy bilen ata Watanymyzda ýaş nesliň çuňňur hem kämil bilim almagy üçin ähli mümkinçilikler döredilýär. Şeýle mümkinçiliklerden ýerlikli peýdalanyp, islegli ugrundan bilim almak, yhlasly okamak, kämilleşmek, ylym dünýäsi bilen ýakyn gatnaşykda bolup, döwrebap jemgyýetiň işjeň agzasyna öwrülmek häzirki zaman türkmen ýaşlarynyň baş maksady.

...Çaganyň arzuwy ak mekdebe gadam basmakda, mekdep uçurymynyň arzuwy talyp bolmakda, ýokary okuw mekdebini tamamlan talybyň arzuwy öz ylym çygryny magistratura, aspirantura we doktoranturalarda giňeltmek... Şeýde-şeýde ak mekdepden başlanan täsin ýoda uly ýola öwrülip, adam ykbalyny belent menzillere tarap alyp gidýär. Her bir zadyň öz başlangyjynyň bolşy aly, bu ajaýyp ýoluň hem başlanan sähetli güni, şanly senesi bar. Ol sene 1-nji sentýabr, Bilimler we talyp ýaşlar günüdir...

**Diana DALLAKÝAN,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby.**

# OKADYM DIÝME, BILDIM DIÝ!



◆ Okamak duýgularyň iň gowusydyr. Ussat ýazyjy-şahyrlar ömrüniň ýarysyny okap geçiripdirler. Meşhur fransuz ýazyjysy Şarl Lui Monteskýe: «Ýarym sagat okamak bar gam-gussalarymy süpürip alyp gidýär» diýipdir. Öz döwrüniň iň meşhur taglymatçysy, dilewarlygy bilen tanalan Jon Braýt irginsiz okamagyň netijesinde şeýle derejä ýetipdir. Belli nemes şahyry Gýote bolsa ömrüniň soňky ýyllarynda: «Okamagy öwrenmek sungatlaryň iň kynydyr... Ömrümiň segsen ýylyny okamaga bagyşladym, şonda-da özümden göwnüm hoş diýsem, ýalan sözledigim bolar» diýipdir.

Mekdep ýyllarynda ýaş nesliň esasy wezipesi kämil bilim we ahlak terbiýesini almak bolup durýar. Kämil sowat-terbiýäň täsiri durmuşyň soňky tapgyrlarynda mese-mälim duýulýar. Ýaşlykdan halal bilim almaga we zähmet çekmäge uýgunlaşan adam durmuşda horluk çekmeýär, rysgal-döwletem hiç kimiňkiden kem bolmaýar. Iň esasy zat hem ahlaksyz we bikanun hereketlerden daş bolandygy üçin onuň durmuş ýoly elmydama aýdyň hem şowly bolýar. Garaşylmaýan harasatlar ýa-da kynçylyklar hem onuň duşundan sowulyp geçýär. Jemgyýete-de diňe peýda getirýär. Şoňa görä-de, ýaşlary mekdep ýyllaryndan başlap, arassa-halal okamaga we zähmet çekmäge endik etdirmek we bu endigi olaryň häsiýetine geçirmek zamanamyzyň terbiýeçilik işiniň baş wezipeleriniň biri hasaplanylýar.

Mekdep okuwçylary kämil bilim almak üçin göreldeli okamaly. Şahyr Kerim Gurbannepesowyň nygtaýşy ýaly: «Öwretmek beýle bir agyr iş däldir, öwrenmek — şol juda uly wezipe». Ýöne ýerden ata-babalarymyzyň döreden nakylynda: «Okadym diýme, bildim diý» diýilmeýär. Onsoňam şu hakykata hem anyk göz ýetirmegimiz gerek: «Bilýändirin öýtmeklik bilmegiň iň ganym duşmanydyr».

Her bir mekdep okuwçysy öz ukyplarynyň we başarnyklarynyň çäginde döwrebap bilim almaga çalyşmaly, bilim almakda irginsiz tutanýerlilik görkezmeli. Şonda gujurly zähmetiniň hasabyna köp üstünliklere ýetip biler. Bu ýerde esasy mesele hem öz höwesiňe we başarnyklaryňa görä bilim almaly ugruňy deslapdan dogry saýlap bilmegiňdedir. Aýdylanlar bilen bagly Zelili şahyryň şeýle setirlerini ýatlamak jüpüne düşse gerek:

**Her kim özünden bilmese,**
**Bilenden bilgi almasa,**
**Öwüt gulakda galmasa,**
**Miwesiz nahala meňzär.**

Ata-babalarymyz: «Bilimli — ölmez, bilimsiz — gülmez», «Bilegi zor birini ýykar, bilimi zor — müňüni» diýen ýaly dana pähimleri köp döredipdirler. Aýdylanlardan ugur alyp, innowasion häsiýetli pikir ýöretmäge ukyply, häzirki zaman tehnologiýalaryndan oňat baş çykarýan, kämil bilimli şahsyýeti kemala getirmek maksady bilen döwlet syýasatynda, esasan, şu wezipeleriň amala aşyrylmagyna möhüm ähmiýet berilýär: ýurtda bilim bermegiň ýokary hilini we derejesini üpjün etmek; bilim bermegi halkara ülňüleriniň talaplaryna laýyk getirmek; adam ömründe bilimiň ykbal kesgitleýji güýçdügini ýaş nesillere düşündirmek.

Häzirki döwürde mekdep okuwçylarynyň zehinini açmak, ösdürmek hem-de hemmetaraplaýyn goldamak üçin zerur işler amala aşyrylýar. Şu maksat bilen, ýurdumyzda daşary ýurt dillerine, takyk, tebigy, ynsanperwer, aýdym-saz, harby, sport ugurlaryna ýöriteleşdirilen mekdepler, şeýle hem çagalar çeperçilik mekdepleri we sungat mekdepleri açylyp ulanylmaga berildi. Şeýle ýöriteleşdirilen mekdepleriň ulgamyny giňeltmek boýunça häzirki wagtda hem netijeli işler alnyp barylýar.

Bilim ulgamyna sanly tehnologiýalaryň, öňdebaryjy kompýuterleriň we multimediýa enjamlarynyň ornaşdyrylmagy, umumybilim berýän orta mekdepleriň on iki ýyllyk bilime geçirilmegi jemgyýetimiziň bilim derejesiniň ýokarlanmagyna täze itergi berýär. Ýaşlarda bilimiň, akyl we beden zähmetiniň esaslaryny ele almagyň endiklerini ösdürmäge şertler döredilýär. Olaryň höwes bildirýän we gyzyklanýan ugurlaryny ýüze çykarmaga, durmuşda öz ornuny tapmak we hünär saýlap almak başarnyklaryny ösdürmäge mümkinçilik berilýär.

Türkmenistanyň Konstitusiýasynda: «Her bir raýatyň bilim almaga hukugy bardyr. Umumy orta bilim hökmanydyr, her bir adam ony döwlet mekdeplerinde tölegsiz almaga haklydyr» diýen jümleler ynsanyň şu güni we geljegi barada döwlet tarapyndan edilýän aladanyň aýdyň subutnamasydyr. Alym Arkadagymyzyň beýik başlangyçlary esasynda ýurdumyzyň mekdeplerinde umumy orta bilim on iki ýyla ýetirildi. Öwredilýän dersleriň sany artdyryldy. Dünýäniň öňdebaryjy tehnologiýalary ýurdumyzyň mekdeplerine köpçülikleýin ornaşdyrylyp başlandy. Okuw öwretmegiň interaktiw usuly barha giň gerime eýe bolýar. Mekdep okuwçylarynyň zehinlerini oýarmak üçin dürli gurnaklar, döredijilik çäreleri geçirilýär.

Ýaş nesliň, jemgyýetiň, tutuş halkyň beden we ruhy taýdan sagdyn bolmagyny gazanmak hem hormatly Prezidentimiziň ileri tutýan ugurlarynyň biri. Orta mekdepleriň birinji synpyndan bedenterbiýe dersleriniň girizilmegi we bu ugurdaky islendik beýleki bir üstünlik bahasyz gymmatlykdyr. Hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary netijesinde her bir okuwçynyň orta bilim hakdaky şahadatnamasy dünýä derejesinde ykrar edilip dur. Bu ykrarnamany türkmen okuwçylary dünýä derejesinde geçirilýän halkara mekdep olimpiadalarynda, sport ýaryşlarynda baýrakly orunlary gazanmak bilen hem subut edýärler. Ýurdumyzyň orta mekdeplerinde öwredilýän her bir dersde çuňňur ylymlaryň esasy özeni bar. Geografiýa, geometriýa, himiýa, biologiýa, fizika — haýsy ugry alyp görenimizde hem, dünýä ýüzündäki täze oýlap tapyşlar, açyşlar şeýle ylymlaryň üsti bilen gazanylýar. Diýmek, ýurdumyzyň mekdeplerinde berilýän bilim dünýä ylmyna gadam basmagyň we ylymda öz ýüzümizi tapmagyň ilkinji basgançaklary bolup durýar.

**Bagtyýar GURBANBERDIÝEW,**
**Türkmenistanyň Içeri işler ministrliginiň institutynyň hukuk fakultetiniň talyby.**

# TÄZE ZÄHMET ÜSTÜNLIKLERI BILEN

◆ Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisinde şu ýylyň 24-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini geçirmek hakynda Karar kabul edildi.

Türkmenistanda halk häkimetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň her ýylda mukaddes Garaşsyzlyk toýumyzyň öňüsyrasynda özüniň mejlisini geçirmegi çuňňur simwoliki many-mazmuna eýedir. Ýurdumyzda jemgyýetiň bitewüliginiň, agzybirliginiň, jebisliginiň aýdyň alamaty bolan bu döwletli mejlis, ozaly bilen, mukaddes Garaşsyzlygymyzyň ajaýyp miwesidir. Garaşsyzlyk halkymyza ata-baba ýol-ýörelge bolup gelýän il-ýurt bähbitli meseleleri bir supranyň başyna jem bolup maslahatlaşyp, geňeşip çözmek, dana Döwletmämmet Azadynyň aýdyşy ýaly, bu geňeşde uly-kiçiniň pikiriniň, arzuw-isleginiň diňlenip, halkyň ýagty, nurana geljegi üçin möhüm kararlary kabul etmek ýaly däp-dessurlaryny döwlet derejesinde gaýtadan dikeltmäge mümkinçilik berdi.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň her ýylyň sentýabr aýynda geçirilýän mejlisinde il-ýurt, jemgyýet, döwlet ähmiýetli kararlar, çözgütler kabul edilýär. Onuň işine döwletimiziň ähli ýolbaşçy düzümi, şeýle-de welaýatlaryň, Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçilik wekilleri gatnaşýar. Häzirki wagtda, öňde agzalan Karara laýyklykda, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini ýokary derejede guramaçylykly geçirmek boýunça guramaçylyk topary döredilip, onuň düzümini tassyklamak Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň 2023-nji ýylyň 18-nji iýulynda kabul eden 1-nji Karary bilen tassyklanylan, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň düzümine welaýatlaryň we Aşgabat şäheriniň halk maslahatlary tarapyndan teklip edilýän jemgyýetçilik wekillerini hödürlemegiň Tertibine laýyklykda jemgyýetçilik wekillerini hödürlemek we olaryň sanawyny düzüp, 1-nji sentýabra çenli Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Diwanyna bermek boýunça işler alnyp barylýar.

Gahryman Arkadagymyzyň çuňňur pähim-paýhasy bilen, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň döwletimiziň we jemgyýetimiziň durmuşynda örän wajyp orun eýeleýän gurluşa öwrülendigini aýratyn bellemek zerurdyr. Gahryman Arkadagymyzyň talapkär ýolbaşçylygy, yzygiderli tagallalary ne-




tijesinde, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlislerinde öňde goýlan wezipeleriň, kabul edilen çözgütleriň durmuşa geçiriliş ýagdaýyna yzygiderli syn we baha berlip, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlislerinde ara alnyp maslahatlaşylýar we öňde durýan möhüm wezipeler kesgitlenilýär.

Aýdylanlara aýdyň mysal hökmünde «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň 22-nji fewralynda Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gahryman Arkadagymyzyň ýolbaşçylygynda Maslahatlar merkezinde geçirilen Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Prezidiumynyň mejlisini ýatlap geçmek bolar. Şol mejlisiň gün tertibine «Türkmenistany 2024-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny» durmuşa geçirmek, Halk Maslahatynyň işiniň esasy ugurlary boýunça Türkmenistanyň Mejlisi, ministrlikler we pudaklaýyn dolandyryş edaralary, jemgyýetçilik birleşikleri bilen bilelikde şu ýyl ýerine ýetirilmeli işleriň esasy ugurlary boýunça çäreleriň Meýilnamasyny ara alyp maslahatlaşmak bilen bagly meseleler girizilip, möhüm meselelere üns çekildi. Hussusan-da, akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň 300 ýyllyk ýubileýini giňden belläp geçmek boýunça amala aşyrylýan işlere üns çekilip, 2023-nji ýylda amala aşyrylan işleriň netijelerine syn berildi. Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň düzümleriniň birnäçesine saýlanyp, onlarça halkara resminamalaryň kabul edilendigi, milli gymmatlyklarymyzyň hasabyna Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawynyň has-da artandygy bellenildi.

Mälim bolşy ýaly, 2023-nji ýyl dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň golýazmalar mirasynyň ÝUNESKO-nyň «Dünýäniň hakydasy» atly maksatnamasynyň sanawyndan orun almagy, şeýle hem Türkmenistanyň ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky Hökümetara geňeşiniň agzalygyna saýlanylmagy ýaly şanly wakalar bilen şöhratlandy. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyz paýtagtymyz Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilmegi, Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynyň «Tennis boýunça Merkezi Aziýa sebitiniň okuw-türgenleşik merkezi» diýlip ykrar edilmegi ýaly buýsançly wakalar bilen dabaralandy.

Döwlet Baştutanymyzyň: «Ýokary sportda Türkmenistany dünýä tanatmak meniň esasy maksatlarymyň biridir» diýip belleýşi ýaly, sport häzirki zaman türkmen jemgyýetinde döwletimiziň ösüşlerini, dünýä döwletleri we abraýly halkara guramalary bilen dost-doganlyk, özara bähbitli hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny ösdürmegiň möhüm guraly bolup durýar. Biz — ösüp gelýän ýaş nesliň sportda, bedenterbiýede, sagdyn durmuş ýörelgelerine eýermekde esasy halypalary bolup durýan bilim ulgamynyň hünärmenleri, mundan beýläk-de yhlasly, halal, päk ýürekli zähmet çekip, ýokary sportda döwletimiziň mukaddes ýaşyl Baýdagyny belentde parlatjak milli türgenleri terbiýeläp ýetişdireris diýip, Gahryman Arkadagymyzy, Arkadagly Gahryman Serdarymyzy, ähli ildeşlerimizi ynandyrýarys. Biz öňde boljak Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisinde kabul ediljek kararlardyr çözgütleri mynasyp durmuşa ornaşdyrmak üçin öz ornumyzda berk durup, talyp ýaşlar bilen guraýan umumy, amaly, tejribe sapaklarymyzda, yzygiderli guralýan türgenleşik işlerimizde bu möhüm kararlardyr çözgütlerden ugur alarys we olaryň çuňňur many-mazmunyny ýaş nesilleriň aňyna ýetireris.

Bize işlemäge, ylmy we döredijilik işleri bilen meşgullanmaga giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, her bir il-ýurt bähbitli, döwlet we umumadamzat ähmiýetli işlerinde üstünlik arzuw edýäris.

**Aşyrmuhammet GURBANMÄMMEDOW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň ylmy işler boýunça prorektory.**

◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ösüşleriň täze belentliklerine tarap ynamly öňe barýan Türkmenistan döwletimizde demokratik başlangyçlary ösdürmek, raýat jemgyýeti edaranyň işjeňligini has-da ýokarlandyrmak boýunça giň möçberli işler durmuşa geçirilýär.

Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň ata Watanymyzyň mukaddes Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygynyň baýram edilýän günlerinde geçiriljekligi hem aýratyn many-mazmuna eýedir. Häzirki wagtda ýurdumyzyň syýasy-jemgyýetçilik durmuşynda möhüm waka öwrüljek Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisini guramaçylykly hem-de ýokary derejede geçirmäge giňden taýýarlyk görülýär.

Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Mary welaýatynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramagynda Baýramaly şäher bilim bölüminde «Halk Maslahaty — döwletli tutumlaryň gözbaşy» ady bilen duşuşyk geçirildi.

Täsirli geçen duşuşykda TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Baýramgeldi Gaýypow, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Aýsona Geldimyradowa çykyş etdi. Olar öz çykyşlarynda bu syýasy-jemgyýetçilik çäresinde ýaşlaryň işjeň gatnaşmagy babatda öňde durýan wezipeler barada gürrüň berdiler.

**Enebaý AKMYRADOWA,**
**Baýramaly şäher bilim bölüminiň esasy buhgalteri, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň işjeň agzasy.**

# MILLI DÄPLERIŇ GÖZBAŞY



# ПЕДАГОГИЧЕСКАЯ КОНФЕРЕНЦИЯ

◆ В столице, на базе средней специализированной школы № 29, состоялась педагогическая конференция работников образования города Ашхабад. К этому событию была приурочена выставка наглядных пособий и целевых стендов, демонстрирующих многогранные достижения нашей страны, подготовленных учащимися и учителями.

Предварили начало форума творческие выступления, в которых юные артисты воспели своё счастливое детство в нашей стране, где созданы все условия для гармоничного развития подрастающего поколения.

В рамках самой конференции с отчётом о проделанной работе за прошедший учебный год и анонсом перспективных задач, которые стоят перед педагогическими работниками, выступил заведующий городским Управлением образования Байраммурад Аннаев. Программу конференции продолжили сообщения представителей общественных организаций, выступления которых, связанные с развитием сферы образования, были построены в контексте задач их структурных подразделений.

В рамках конференции прошла торжественная церемония награждения передовых педагогических работников, добившихся значительных успехов в своей профессиональной деятельности. Заключительным аккордом форума стало принятие Обращения участников конференции на имя уважаемого Президента Сердара Бердымухамедова, в котором прозвучали слова благодарности работников сферы образования за создание всех необходимых условий для плодотворной педагогической работы.

**Подготовил Юнус МЫРАДОВ,**
**преподаватель ТСХУ имени С.А.Ниязова.**

# ÝAŞLAR — WATANYŇ DAÝANJY

◆ Hormatly Prezidentimiziň alyp barýan döwlet syýasatynda ýaşlar baradaky alada uly orun berilýär. Bu hakykata biz ýaşlar bagtyýar durmuşymyzyň her bir pursatynda hem göz ýetirip gelýäris. Türkmen ýaşlaryna dünýä derejesinde bilim-terbiýe almagy, ylym-hünär öwrenmegi, ykdysadyýetiň dürli pudaklarynda döredijilikli we joşgunly zähmet çekmegi ugrunda ähli şertleri hem-de mümkinçilikleri döredýär. Çagalar baglaryndan başlap, orta we ýokary okuw mekdepleriniň, önümçiligiň we halk hojalygynyň ähli ugurlaryndaky edara-kärhanalaryň binalaryň, desgalarynyň häzirki zaman enjamlary bilen doly derejede üpjün edilmegi biziň her birimiz üçin buýsançlydyr. Bular ýaşlara ruhubelentlik we hyjuw berýär.

«Türkmenistanda ýaşlar barada döwlet syýasatynyň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin döwlet Maksatnamasy» ýaşlar hakdaky aladanyň rowaçlyga beslenýändiginiň alamaty hökmünde buýsanjymyza buýsanç goşýar. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwri ýaşlar üçin geljege nur saçyp, beýik işlere hyjuw döredýär. Ýaşlar özleri baradaky aladany her bir ädimde duýýar, durmuş ýüzünde amala aşyrylýan işleriň mysalynda görýär.

Peder ýoluny mynasyp dowam etdirýän Arkadagly Gahryman Serdarymyz ýaşlaryň medeni-köpçülik çärelerine gatnaşmagy, öz ýoluny döretmegi, zehinini kämilleşdirmegi, ylym-bilim babatda tejribe toplamagy, dünýä derejesinde ussat hünärmenler bolup ýetişmegi ugrunda giň gerimli başlangyçlary durmuşa geçirýär. Ýaşlara hemişe Watanyň daýanjy, ýurduň ösüşiniň esasy sütünleriniň biri hökmünde garaýar. Hormatly Prezidentimiz ata-babalarymyzyň taryhy asyrlara uzaýan ýörelgelerine aýratyn ähmiýet berýär. Ýaşlar hem hormatly Prezidentimiz tarapyndan bildirilýän ynamy ödäp, ata Watanymyzyň ýagty geljegi ugrunda gujurgaýratlaryny gaýgyrmaýarlar.

**Çynar MÄMEDOWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri.**

**◆ Ozal habar berlişi ýaly, awgust aýynyň birinji ýarymynda ýurdumyzyň ýokary okuw mekdeplerinde giriş synaglary geçirildi. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynda okadylýan hünärler boýunça geçen ýyllaryň dowamynda sportuň dürli görnüşleri boýunça döwlet we halkara derejesinde geçirilen ýaryşlarda, çempionatlarda tapawutlanan ýaşlaryň bir topary giriş synaglaryny üstünlikli tabşyryp, talyp adyna eýe boldular.**

**Biz şol ýaşlaryň birnäçesiniň ýürek buýsanjyny okyjylarymyza ýetirýäris.**



**Amanmuhammet HOMMADOW,**
**Küşt boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagymy ömrümiň iň bagtyýar pursady diýip hasap edýärin. Bu bagtyýar pursatlar üçin biz — ýaşlar üçin ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza çyn ýürekden alkyşly sözlerimi beýan edýärin.

Men 9 ýaşymdan bäri küşt boýunça türgenleşiklere gatnaşyp başladym. 2022-nji ýylda Gruziýa Respublikasynda ýetginjekleriň arasynda geçirilen Dünýä çempionatyna, 2023-nji ýylda Şri-Lanka döwletinde 20 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda geçirilen Aziýa çempionatyna gatnaşdym. 2023-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda 17 ýaşa çenli mekdep okuwçylarynyň arasynda geçirilen ýaryşda altyn medal gazanyp, sport ussatlygyna dalaşgäriň kadasyny doldurdym. Ýene-de şol ýylda Özbegistan Respublikasynda geçirilen ýaryşda bürünç medala eýe boldum. Türkmenistanyň üç gezek çempiony.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak bilen, men saýlan ugrum boýunça ýene-de abraýly halkara ýaryşlaryna gatnaşyp, döwletimiziň ýaşyl Tugunу belentde parlatmaga goşandymy goşaryn diýip ynandyrýaryn.

**Selim NOWRUZOW,**
**Uşu boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Gahryman Arkadagymyzyň başyny başlan, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen täze tapgyrlarda ösdürilýän döwletimiziň sport syýasaty öz güýjüne ynanýan, öz ukyby, zehini, başarnygy bilen milli sportumyzyň abraýyna goşant goşmagy kalbynda besleýän bagtyýar ýaşlarymyzyň hiç birini biperwaý goýmaýar.

Men hem çagalygymdan höwes edip gelýän ugrum bolan uşu boýunça yzygiderli türgenleşiklere gatnaşyp, ýurdumyzda we dünýä döwletlerinde geçirilen ýaryşlarda, çempionatlarda yzygiderli çykyş etdim. 2018-nji ýylda Azerbaýjanyň paýtagty Baku şäherinde geçirilen Aziýa çempionatynda 2-nji orny eýeledim. 2022-nji ýylda Indoneziýa döwletinde geçirilen dünýä çempionatyna, 2023-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda geçirilen Aziýa çempionatyna gatnaşyp, üstünlikli çykyş etdim. 2024-nji ýylda Türkmenistanyň çempionatynda çykyş edip, 2-nji orna mynasyp boldum. Türkmenistanyň birnäçe gezek çempiony.

Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagym meniň buýsançly başymy ýene-de bir mertebe belende göterdi. Bu ýerde okap aljak bilimim, özleşdirjek ussatlyk endiklerim maňa abraýly halkara ýaryşlarynda çykyş edip, döwletimiziň mukaddes ýaşyl Tugunу asmanda parlatmaga ýardam berer diýip ynanýan.

Biz — ýaşlara okamaga, bilimleriň esaslaryny ele alyp, öz kärinden ezber baş çykarýan hünärmenler bolup ýetişmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýürekden alkyş aýdýaryn.

# TALYPLARYŇ ÝÜREK BUÝSANJY



**Beglimuhammet BEKMYRADOW, «Ahal» futbol toparynyň türgeni, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmagym meniň üçin geljekde özümden has-da talaby güýçlendirmegime, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň biz — ýaşlara bildirýän belent ynamlaryny ödemekde özümde has-da çuňňur jogapkärçilik duýmagyma esas berdi.

Men öz hünär ýolumy futbola bagladym. 12 ýyl bäri şu ugurda türgenleşip we çykyş edip gelýärin. Esasy çykyş eden toparym «Ahal» futbol topary. 2020-nji ýylda Türkmenistanyň birinjiligi ugrunda geçirilen ýaryşlarda toparymyz 1-nji orna mynasyp boldy. 2022-nji ýylda U17 ýaryşyna, 2024-nji ýylda Özbegistanda, Täjigistanda, Gyrgyz Respublikasynda, Eýranda we Türkmenistanda geçirilen futbol ýaryşlaryna gatnaşdym.

Üstümizdäki «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylymyzyň sentýabr aýynda U20 Ýaşlar toparynyň düzüminde çykyş edýärin.

Bize okamaga, türgenleşmäge ähli şertleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda üstünlik arzuw edýärin.



**Gülälek KAKAMYRADOWA, Agyr atletika boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyl meniň üçinem şatlykly, çagalykdan eden arzuwlarymyň wysalyna gowşan ýyl boldy. Men Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby boldum.

Saýlan ugrum bolan agyr atletika boýunça milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde çykyş edip, 2022-nji ýylda Özbegistan Respublikasynda geçirilen Agyr atletika boýunça Aziýa çempionatynda öz agram derejämde 3-nji orna, 2023-nji ýylda Hindistan Respublikasynda geçirilen Agyr atletika boýunça Aziýa çempionatynda 2-nji orna, şeýle-de şol ýylda Albaniýa döwletinde geçirilen Agyr atletika boýunça dünýä çempionatynda 3-nji orna mynasyp boldum.

Men öz durmuşymda ýeten şeýle belent derejelerim üçin biz — ýaşlara ähli mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza tüýs ýüregimden alkyş aýdýaryn hem-de özüme bildirilen şeýle belent ynamy ýokary hilli bilim almagym we kämil türgenleşiklerim, Watanymyzyň hatyrasyna ynamly sport ýeňişlerim bilen ödärin diýip ynandyrýaryn.



**Kemal KAKABAÝEW, Grek-rim göreşi boýunça milli ýygyndy topary agzasy, sport ussatlygyna dalaşgär, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak çagalyk arzuwymdy. Arzuwlaryň wysal bolýan ýurdy eziz Watanymyzda men hem bu arzuwyma ýetdim. Şu bagtyýar pursatlara çenli grek-rim göreşi boýunça 2022-nji ýylda 17 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda, 2023-nji ýylda 20 ýaşa çenli ýetginjekleriň arasynda geçirilen Türkmenistanyň çempionatlarynda, şeýle hem 2024-nji ýylda geçirilen grek-rim göreşi boýunça spartakiadada Türkmenistanyň çempiony bolmak miýesser etdi. Şeýle-de 2023-2024-nji ýyllaryň dowamynda Türkiýe Respublikasy, Tailand, Rumyniýa ýaly ýurtlarda geçirilen dünýä çempionatlarynda we halkara ýaryşlarynda üstünlikli çykyş etdim.

Öz ugrumdan ýurdumyzda sport ugrundan ýeke-täk okuw mekdebiniň talyby bolmagym mähriban Watanymyzyň sport abraýyny mundan beýläk ösdürmekde wajyp bolan ylmy-usuly bilimlerimi artdyrmakda, beden taýdan has-da taplanmagymda ýardam berer diýip ynanýan.

Biz — ýaşlara okamaga, türgenleşmäge döredip berýän mümkinçilikleri üçin Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza uzak ömür, jan saglyk, döwletli başlangyçlarynda hemişe üstünlik arzuw edýärin.



**Allan MUHYÝEW, Şaýbaly hokkeý boýunça milli ýygyndy toparyň agzasy, Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň 1-nji ýyl talyby:**

— Men şaýbaly hokkeý boýunça «Şir» hokkeý klubunda türgenleşdim, şeýle hem milli ýygyndy toparymyzyň düzüminde çykyş etdim. 2020-nji ýylda «Türkmenistanyň iň ökde goragçysy» diýen ada hem mynasyp boldum. 2023-nji ýylda Mongoliýa Respublikasynda geçirilen U18 we Aziýa we Ýuwaş ummany ýurtlarynyň çempionatynda kümüş medala, 2024-nji ýylda Günorta Afrika Respublikasynyň Keýpdawund şäherinde geçirilen dünýä çempionatynda hem kümüş medala mynasyp boldum.

Şu ýyl meniň durmuşymda ýatdan çykmajak ýyllaryň biri boldy. Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby bolmak bagty miýesser etdi. Özüme bildirilen bu belent ynamy sapaklara we türgenleşiklere ýokary hilli ýetişigim, geljekde gatnaşjak halkara ýaryşlarymyzda gazanjak belent netijelerim bilen ödärin diýip, ähli ildeşlerimizi ynandyrýaryn.

Bize okamaga, türgenleşmäge, halkara ýaryşlara gatnaşyp, ýurdumyzyň sport abraýyny artdyrmaga giň ýol açyp berýän Gahryman Arkadagymyza, hormatly Prezidentimize uzak ömür, jan saglyk arzuw edýärin.

# HABARLAR GYSGA SETIRLERDE

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäher Geňeşiniň, Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Daşoguz welaýat birleşmesi hem-de Daşoguz şäher Medeniýet merkezi bilen bilelikde gurnamagynda ýaşlaryň gatnaşmagynda «Küştdepdi — köňülleriň joşguny» ady bilen aýdym-sazly duşuşyk geçirildi. Duşuşygyň barşynda çykyş edenler ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň milli toparynyň Sekretariatynyň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip atlandyrylan 2024-nji ýylda alnyp barylýan işler dogrusynda giňden gürrüň berdiler.

Çäräniň dowamynda Daşoguz şäher Medeniýet merkeziniň höwesjeň aýdymçylarynyň we tansçylarynyň çykyşlaryna giň orun berildi. Daşoguz şäher Medeniýet merkeziniň «Oguzabat» folklor tans toparynyň ýerine ýetiren «Küştdepdi» tansy çärä gatnaşyjylarda aýratyn ýatda galyjylygy bilen ruhy lezzet paýlady.

**Hurşida ATAÝEWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

◆ «Berkarar döwletiň bagtyýar nesilleri» ady bilen Mary welaýatynyň Baýramaly şäheriniň 5-nji çagalar bagynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň gurnamagynda ösüp gelýän körpe nesillerimiziň aýdym-saza bolan höwesini artdyrmak hem-de olaryň wagtlaryny has-da gyzykly geçirmekleri üçin aýdym-sazly çäre geçirildi.

Çärä Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Baýramaly şäher Geňeşiniň işgärleri bilen bilelikde ady agzalan çagalar bakja-bagynda terbiýelenýän körpeler we terbiýeçiler gatnaşdylar. Şatlyk-şowhuna beslenen çärede körpeler özleriniň birnäçe aýdymdyr sazlary, goşgulardyr tanslary bilen çykyş etdiler.

**Serdargeldi ANNAMYRADOW,**
**Türkmenistanyň ylym we bilim işgärleriniň Kärdeşler arkalaşygynyň ilkinji guramalarynyň başlyklarynyň Baýramaly etrap Geňeşiniň buhgalteri.**

◆ Türkmenistanyň Ýaşlar guramasynyň Etrek etrap Geňeşiniň guramagynda Etrek etrap häkimliginiň ýygnaklar jaýynda Türkmenistanyň at gazanan bagşysy, şahyr Ahmetberdi Mededow bilen duşuşyk geçirildi. Duşuşykda Ahmetberdi Mededowyň «Yşk dünýäsiniň gujagynda» diýen täze kitaby we onuň döredijiligi hakynda gürrüň edildi. Duşuşyga etrap häkimliginiň, bilim, medeniýet, saglygy goraýyş ulgamlarynyň işgärleri hem-de jemgyýetçilik guramalarynyň wekilleri gatnaşdylar. Çärede çykyş edenler şahyry täze kitabynyň neşir edilmegi bilen gutlap, galamynyň ýiti, kitaplarynyň höwrüniň köp bolmagyny arzuw etdiler.




Soňra halypa bagşy, şahyr Ahmetberdi Mededow çykyş edip, öz edebi döredijiligi we kitabyň many-mazmuny barada ýaşlar bilen pikir alyşdy. Ahmetberdi Mededowyň öz şygyrlarynda Watan gözellikleriniň waspyny edýändigini, Magtymguly Pyragy hem-de Garajaoglan baradaky maglumatlary okyjylara ýetirýändigini bellemek gerek. Ol türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Gahryman Serdarymyza alkyşlaryň öz döredijiliginde esasy orun tutýandygyna buýsanç bilen belläp geçdi.

**Mukam ÇÜRIÝEW,**
**TMÝG-niň Etrek etrap Geňeşiniň başlygy.**

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäher Geňeşi we Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Daşoguz şäher bölümi bilelikde edara-kärhanalarda zähmet çekýän öňdebaryjy zenanlaryň gatnaşmagynda «Maşgala mukaddesligi» atly şygar astynda wagyz-nesihat çäresini geçirdi.

Çärede çykyş edenler maşgala gymmatlyklaryna, milli däp-dessurlarymyza, edim-gylymlarymyza hormat goýmak, ata-babalarymyzdan, ene-mamalarymyzdan şu günümize gelip ýeten maşgala abadançylygyny, agzybirligi goramak ýaly ýörelgelerimize uly hormat goýmak, aýratyn hem nesil terbiýesi, milliligimizi goramak, nesilden-nesle geçirmek dogrusynda belläp geçdiler.

**Jennet GULMYRADOWA,**
**TMÝG-niň Daşoguz şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni.**

◆ Hormatly Prezidentimiziň ýolbaşçylygynda Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyz uly-uly ösüşlere eýe bolýar, täze sepgitlere gadam goýýar. Hormatly Prezidentimiziň halkyň ruhy taýdan galkynmagy ugrunda edýän aladalary, ýöredýän parasatly döwlet syýasaty netijesinde halkymyz bolelin, erkana we asuda durmuşda halal zähmetiň hözirini görüp ýaşaýarlar.

Ylmy-tehniki syýasatyň ýurdumyzda giň gerim almagy ýurdumyzyň ylmy kuwwatyny has-da artdyrmak, ylmy gözlegleri we barlaglary ýokary derejede alnyp barylmagyny ýola goýmak esasynda ylmy ösdürmek esasy wezipeler hökmünde öňe çykýar. Bu wezipeleriň üstünlikli amala aşyrylmagynda Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Tehnologiýalar merkezine möhüm orun degişlidir. Hormatly Prezidentimiz dünýä ylmynyň gazananlaryndan ugur alyp bina edilen bu Tehnologiýalar merkezinde alymlaryň ylmy barlaglaryny alyp barmagy, ylmy netijeleri iş ýüzünde synagdan geçirmegi, täze açyşlary amala aşyrmagy üçin ähli şertleri döredip berdi.

Ähli üstünliklerimiziň sakasynda duran Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň halkymyzyň bagtyýar şu güni hem-de geljegi ugrunda alyp barýan beýik işleri mundan beýläk-de üstünliklere beslensin!

**Serwi AMANOWA,**
**TMÝG-niň Saparmyrat Türkmenbaşy etrap Geňeşiniň hünärmeni.**

◆ Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Mary welaýatynyň Baýramaly şäher Geňeşi hem-de Demirbeton önümleri kärhanasynyň bilelikde guramaklarynda «Halk Maslahaty — döwletli ýörelgelere badalga» ady bilen duşuşyk geçirildi. Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň taryhy ähmiýetini wagyz etmek maksady bilen geçirilen duşuşykda TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Baýramgeldi Gaýypow, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Serdar Berdiýew dagylar çykyş etdiler.

Maslahatda edilen çykyşlarda Türkmenistanyň Garaşsyzlyk gününiň öňüsyrasynda geçiriljek Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine görülýän ýokary derejedäki taýýarlyk dogrusynda giňişleýin gürrüň edildi.

**Süleýman BÄŞIMOW,**
**Baýramaly şäheriniň Demirbeton önümleri kärhanasynyň hünärmeni, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň işjeň agzasy.**

# BAGTYÝAR ÝAŞLARYŇ ÝURDY

◆ Her bir güni taryhyň gatlaryna altyn harplar bilen ýazylýan berkarar Watanymyz hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda bedew bady bilen ynamly öňe barýar. Bagtyýar hem bagtly ýaşlarymyzyň okamagy, öwrenmegi, täze ylmy gadamlara tarap ädimler ätmegi üçin ähli şertler döredilýär. Gadymy Gündogarda «Bir ýylyň aladasyny etseňiz, däne ekiň. On ýylyň aladasyny etseňiz, daragt ýetişdiriň. Ýüz ýylyň, müň ýylyň aladasyny etseňiz, nesil ýetişdiriň» diýen ýörgünli jümle bar. Hormatly Belent Serkerdebaşymyzyň: «Türkmenistan ýaş nesillere aýratyn üns berilýän ýurtdur. Häzirki döwürde ýurdumyzyň ilatynyň esasy bölegi Garaşsyzlyk ýyllarynda kemala gelen ýaş nesillerdir» diýip, ýaşlara ata Watanymyzyň geljegini gurujylar hökmünde baha bermegi mazmun taýdan ýokarda belläp geçen jümlämiziň üstüni ýetirýär. Bu günki gün türkmen ýaşlary Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň daşyna mäkäm jebisleşip, belent maksatlara tarap ynamly öňe barýan eziz Diýarymyzda okaýarlar, döredýärler, özlerine bildirilýän ýokary ynama mynasyp jogap bermäge çalyşýarlar.

Hünär-bilimli, ýokary sowatly nesli ýetişdirmegiň çäklerinde ruhy taýdan baýlygy, ata-babalarymyzyň ahlak nusgalaryna wepalylygy, watançylygy we raýatlygy terbiýelemek ýaly asylly maksatlary durmuşa geçirmäge hem giň orun degişlidir. Esasy zat, tutuş jemgyýetimiz tarapyndan adamlarda ruhy-ahlak galkynyşy döretmäge gönükdirilen işleriň amala aşyrylmagyny üpjün etmekdir. Şu jähtden hem, ýurdumyzyň geljegi ulalyp barýan körpe nesilleriň medeniýetine bagly bolansoň, terbiýäniň iň wajyp wezipeleri ýaşlarda raýat jogapkärçiligini, özüňe hukuk taýdan göz ýetirişi we ruhubelentligi kemala getirmäge uly ähmiýet berilýär.

Berkarar Watanymyzda ýaşlar üçin çäksiz aladalar edilýär. Biz ony döwletimizde durmuşa geçirilýän beýik işlerde aýdyňlygy bilen göz ýetirýäris. «Ýaşlar barada döwlet syýasaty hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyndan gelip çykýan wezipeleri durmuşa geçirmegiň ýolunda döwlet tarapyndan ýaşlara goldaw bermegiň anyk ugurlarynyň ýola goýulmagy we bu ugurda geçirilmeli çäreleriň meýilnamasynyň durmuşa geçirilmegi, ýaş maşgalalar üçin elýeterli nyrhlardan ýaşaýyş jaýlaryny gurmaga döwlet tarapyndan goldaw bermek boýunça geçirilmeli işleriň kämilleşdirilmegi, çetki ýerlere işe iberilýän ýaş hünärmenleriň maşgalalaryny we beýleki ýaş maşgalalary ýaşaýyş jaýy bilen üpjün etmek boýunça zerur çäreleriň işlenip düzülmegi ýaly wezipeler amala aşyrylýar.

Bu günki gün watansöýüji nesilleriň dowamaty dowam bolup, ýaşlar ata-babalarymyzyň beýik göreldesinden ugur alýarlar. Ilhalar ynsan, ussat mugallym, Watançy esger Berdimuhamet Annaýewiň hem-de içeri işler edaralarynyň podpolkownigi Mälikguly Berdimuhamedowyň merdanalyk ömür ýoly merdana gerçeklerimiz üçin, halka hem Watana, maşgala ojagyna wepadarlygyň hem-de ýaş nesli iň asylly milli ýörelgeler esasynda terbiýelemegiň belent nusgasyny görkezen Ogulabat Berdimuhamedowanyň nusgalyk ömür ýoly ýaş zenanlarymyz, gelin-gyzlarymyz üçin ebedilik görelde mekdebidir.

Biz ýaşlar üçin ähli ugurda nusgalyk mekdep bolýan Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, belent başlary aman bolsun!

**Atageldi AMANMYRADOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň Arkadag şäheriniň gümrükhanasynyň harby gullukçysy, kapitan.**

# HÜNÄRE HÖWES

◆ Her bir ynsan eýýäm çagalygyndan başlap, haýsy hem bolsa, bir kesp-käri saýlap, öz ýanyndan göwün ýüwürdip başlaýar. Biri çeper filmlerde tomaşa edýän aktýorlarynyň keşbini özüçe janlandyryp, öz ýanyndan özüni şol aktýordyryn diýip pikir etse, ýene biri aýdyma zowladyp, aýdym aýdar ýörer. Deň-duşlarymyň hemmesi öz saýlan kesp-kärlerini hemme zatdan eý görüp, şol arzuwlaryna ýetmek pikiri bilen hem ýaşardylar. Hatda olaryň arasynda eýýäm şol käre durky-düýrmegi bilen berlip, «täze açyşlaryň aladasynda ýaşaýanlary» hem bardy. Özüm hakynda aýtsam welin, heniz haýsy käri saýlajagymy bilmän, göýä özümi Marsdan ýaňyja ýere düşen ýaly alyp barardym. Goňşymyzyň «r» diýip bilmeýän ogly Rejebem öz adyny «Iýejep» diýip tutsa-da, şol hem eýýäm kär saýlap, öz ýanyndan özüni ulag bejerýän güýçli ussa hasaplap ýördi.

Elime kagyzdyr ruçka alyp, bir zatlar çyrşaýmasam, oňa hem özümden başga hiç kimiň düşünmeýänini aýdaýmasam, heniz-ä menden öýdäkileriň tamasy çykanokdy. Ine-de, 1-nji synp, täze okuw ýyly. Hemme zat täze... Täze mugallym, täze synpdaşlar, täzeje synp otagy... aý, garaz, şol gün-ä göwnüme bolmasa asmanam täzelenen ýaly...

Orta mekdebe gatnap başlamagym kär saýlamakda maňa gaýtadan pikirlenmäge mümkinçilik berdi. Ýuwaş-ýuwaşdan täze harplary öwrendim, harplary goşup söz düzdüm, sözleri goşup bolsa, sözlem düzüp ugradym. Öňki okap bilmän, ýöne bir suratlaryny görýän kitaplarym meniň üçin indi iň ýakyn dostlara öwrüldi: Pyragy, Puşkin, Nobatguly, G.H.Andersen...

Täzelikleri görmegi, gepleşiklere tomaşa etmegi özümiň iň gowy görýän güýmenjäme öwürdim. Alypbaryjylara syn edip, teswirleýjileri diňläp, öz ýanymdan şolara meňzäsim gelip başladym. Öýde hiç kimiň ýok wagty telewizoryň toga birikdirijisini mikrofona öwrüp, menem hyýalymda alypbaryja öwrülerdim.

Dogry, uzak wagtlyg-a däl, ýöne onda-da täsiri başgaça eken... Wagtyň özi bize köp zatlary sowgat edýär eken. Wagtyň bizden



alýan zatlaram az däldir, ýöne onuň bize sowgat berýän zatlary üçin hem minnetdar bolmagymyz gerek. Tejribe, kär-hünär wagtyň bize elýetmez peşgeşi. Men çagalygymda başymdan geçiren şol günlerimi ýatlamak bilen bir zada hasam gowy düşündim. Her bir ynsan çagalyk arzuwlaryny hasyl etmek üçin göreşýär. Ol mende hem şeýle. Ýanymdaky synpdaşymy söhbetdeşim, özümi bolsa alypbaryjy edip görkezip, gepleşikleri taýýarlaýanym ýa-da telewizorda futbol dowam edip duran pursady teswirleýjä öýkünip, «gol» diýip gygyrmagym sport žurnalistika höwesimiň biçak uly bolanlygyny görkezýän bolsa gerek. Şol höwes bu käre bolan söýgi bu gün meni Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň gapysyndan gelmegime sebäp boldy. Men bu gün talyp, özem ýyllarboýy arzuw eden hünärimiň talyby. Öňde bolsa ýetmeli menziller, maksatlar kän. Olar gol bulaýlap, men öz ýanyna çagyrýarlar. Men ol menzillere türgen bolup taplanyp, gije-gündiz türgenleşik geçip ýetmeli. Bu kärde belli bir çäk ýok, näçe kämilleşseň kämilleşip oturmaly.

**Parahat MÄMMETNUROW,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# TÜRKMENISTANYŇ KUBOGYNYŇ DUŞUŞYKLARY

◆ Futbol boýunça Türkmenistanyň kubogynyň çärýek finalynyň üç duşuşygy geçirildi. Olarda «Arkadag» topary «Şagadamy», «Altyn asyr» «Merwi», «Nebitçi» bolsa «Aşgabady» kabul etdi.

Mundan sanlyja gün «Şagadamy» Ýokary liganyň 19-njy tapgyrynda 5:1 hasaby bilen ýeňen «Arkadag» topary Türkmenbaşy şäherine wekilçilik edýän garşydaşyndan ýene-de üstün çykdy. Bu gezek 3:0 hasabynda ýeňiş gazanan «Arkadag» futbol topary jogap duşuşygy üçin uly artykmaçlyk gazandy.

Ýokary ligadaky duşuşygy ätiýaçlykdaky günleriň birine geçirilen «Altyn asyr» bilen «Merw» kubok ýaryşynyň çärýek finalynda biri-birini synaga saldylar. Ýakynda Hindistanda geçirilen saýlama duşuşykda buýsandyryjy ýeňiş gazanyp, AFK-nyň Çempionlar ligasy — 2-niň toparçalaýyn tapgyryndan orun alan «Altyn asyr» milli ýaryşlara-da üstünlik bilen dolanyp gelip, «Merwi» 3:1 hasabynda ýeňdi.

Balkanabat şäherinde geçirilen duşuşykda bolsa paýtagtymyzyň adybir futbol topary ýerli «Nebitçiden» 2:1 hasabynda üstün çykdy.

Paýtagtymyzdaky «Nusaý» stadionynda çärýek finalynyň çäginde «Ahal» bilen «Köpetdag» duşuşdy. Şol duşuşykda «Ahal» paýtagtymyzyň «Köpetdag» toparyny 2:1 hasabynda ýeňdi.

**www.tff.com.gov.tm**

# «ARKADAG» FUTBOL TOPARYNYŇ ÇAGYRYŞ LIGASYNDAKY GARŞYDAŞLARY BELLI BOLDY




◆ Aziýanyň Futbol konfederasiýasynyň Kuala-Lumpur şäherindäki ştab kwartirasynda AFK-nyň Çagyryş ligasynyň ilkinji möwsüminiň bijeleri çekildi. Bije çekişliginiň netijelerine laýyklykda, Türkmenistanyň çempiony «Arkadag» futbol topary AFK-nyň Çagyryş ligasynyň «B» toparçasynda çykyş eder.

Bu toparçada Türkmenistanyň çempionyna Kuweýtiň «Al-Arabi», Maldiw adalarynyň «Maziýa» we Gyrgyzystanyň «Abdyşata» toparlary garşydaş boldy.

«Al-Arabi» geçen möwsümde Kuweýtiň Premýer ligasynda ikinji orny eýeläp, özüne yklymyň üçünji derejeli klublaýyn ýaryşyndan orun aldy. «Maziýa» bilen «Abdyşata» bolsa wekilçilik edýän döwletleriniň futbol çempionatlarynyň iň ýokarky diwizionlarynyň çempionlarydyr. Ýöne gyrgyz toparynyň ýaryşa saýlama tapgyrdan goşulyşandygyny ýatlatmak isleýäris.

«B» toparçanyň duşuşyklary 26-njy oktýabrdan 1-nji noýabra çenli aralykda merkezleşdirilen görnüşde Kuweýtde geçiriler. Günbatar sebitde toparçada birinji orny eýelän toparlar gönüden-göni adyny çärýek finala ýazdyryp biler. Bu sebitdäki «A», «B» we «C» toparçalarynda ikinji orny eýelän toparlar bolsa çärýek finalyň nobatdaky bir ýollanmasy üçin öz aralarynda güýç synanyşarlar. Bu «Arkadag» toparynyň toparçada birinji orny eýeläp bilse, adyny çärýek finala ýazdyrjakdygyny, ikinji orny eýelese, «A» we «C» toparçalarynda şol orny eýelän toparlar bilen duşuşjakdygyny görkezýär.

## BIJE ÇEKIŞLIGIŇ NETIJESINDE AFK-nyň ÇAGYRYŞ LIGASYNYŇ ILKINJI MÖWSÜMINDE ÇYKYŞ ETJEK KLUBLAR

### GÜNBATAR SEBIT

**«A» toparça:** «Ist Bengal» (Hindistan), «Nejmeh» (Liwan), «Başundara Kings» (Bangladeş), «Paro» (Butan, ýer eýesi);

**«B» toparça:** «Al-Arabi» (Kuweýt, ýer eýesi), «ARKADAG» (Türkmenistan), «Maziýa» (Maldiw adalary), «Abdyşata» (Gyrgyzystan);

**«C» toparça:** «Al-Ahli» (Bahreýn), «Al-Fotuwa» (Siriýa), «Al-Sib» (Oman, ýer eýesi), «Hilal Al-Kuds» (Palestina).

### GÜNDOGAR SEBIT

**«D» toparça:** «Şan Ýunaýted» (Mýanma, ýer eýesi), «Taýwan Stil» (Taýwan), «Ýong Elephants» (Laos);

**«E» toparça:** «Madura Ýunaýted» (Indoneziýa), «Preah Han Riç Swaý Rieng» (Kambojiýa), «SP Falkons» (Mongoliýa, ýer eýesi).

# ЛИГА ЧЕМПИОНОВ АФК-2

## Стало известно, на каком стадионе «Алтын асыр» сыграет домашние матчи Лиги чемпионов АФК-2

◆ Туркменский футбольный клуб «Алтын асыр» будет проводить свои домашние матчи Лиги чемпионов АФК-2 сезона 2024/2025 на стадионе «Копетдаг» в Ашхабаде. Об этом со ссылкой на АФК сообщает издание «Туркменистан: Золотой век».

В групповом турнире Лиги чемпионов АФК-2 примут участие 32 команды, разделенные на Западную и Восточную зоны. Соперниками «Алтын асыра» в группе «B» станут саудовский клуб «Аль-Таавун», иракский «Эйр Форс» и «Аль-Халдия» из Бахрейна. Матчи группового этапа пройдут с 17 сентября по 5 декабря, и каждая команда сыграет по три матча дома и на выезде.

Первый матч «Алтын асыр» проведет 18 сентября в гостях против «Эйр Форс». Во втором туре, 2 октября, команда примет клуб «Аль-Халдия». Далее последуют игры с «Аль-Таавун» 23 октября в Саудовской Аравии и 6 ноября в Ашхабаде. В 5-м туре, 27 ноября, «Алтын асыр» снова встретится с «Эйр Форс» на домашнем поле, а завершит групповой этап 4 декабря гостевым матчем против «Аль-Халдии».




**Полное расписание матчей «Алтын асыра» в континентальном турнире выглядит следующим образом:**

**18 сентября 2024 года, 1-й тур**
«Эйр Форс» (Ирак) —
«Алтын асыр» (Туркменистан);

**2 октября 2024 года, 2-й тур**
«Алтын асыр» (Туркменистан) —
«Аль-Халдия» (Бахрейн);

**23 октября 2024 года, 3-й тур**
«Аль-Таавун» (Саудовская Аравия) —
«Алтын асыр» (Туркменистан);

**6 ноября 2024 года, 4-й тур**
«Алтын асыр» (Туркменистан) —
«Аль-Таавун» (Саудовская Аравия);

**27 ноября 2024 года, 5-й тур**
«Алтын асыр» (Туркменистан) —
«Эйр Форс» (Ирак);

**4 декабря 2024 года, 6-й тур**
«Аль-Халдия» (Бахрейн) —
«Алтын асыр» (Туркменистан).

# ТУРКМЕНСКИЕ ШАХМАТИСТКИ – С МЕДАЛЯМИ ЧЕМПИОНАТА ЦА

◆ Туркменские спортсменки выиграли золотую и серебряную медаль на чемпионате Центральной Азии по классическим шахматам среди подростков от 8 до 16 лет, который проходил в местечке Корумду (Иссык-Куль, Кыргызстан).

В категории среди девочек до 8 лет школьница из Марыйского региона Айлар Хемраева выиграла золотую медаль, набрав 7,5 очка из 9 возможных. Талантливая девочка, которая тренируется под руководством заслуженного тренера Туркменистана Эджегыз Ялкановой, в феврале этого года впервые стала чемпионкой страны.

В категории девочек до 10 лет девятилетняя ашхабадская школьница и воспитанница первой частной шахматной академии «Кушт Алеми» Лале Вепаева выиграла серебряную медаль с 6,5 очками из 9 возможных. В целом же в турнире приняли участие более 300 шахматистов, включая 128 представителей Кыргызстана, 98 участников из Казахстана и 69 – из Узбекистана.



# ЗВЁЗДЫ ТУРКМЕНСКОГО ФУТБОЛА ВСТРЕТИЛИСЬ С ЮНЫМИ БОЛЕЛЬЩИКАМИ НА ВЫСТАВКЕ KIDSEXPO

**◆ Футболисты национальной сборной Туркменистана Дидар Дурдыев, Эльман Тагаев и Мурат Аннаев посетили выставку KidsExpo в Ашхабаде, где пообщались с детьми у стенда Федерации футбола Туркменистана. Спортсмены сфотографировались с юными болельщиками и раздали подарки, вызвав восторг у подрастающего поколения.**

**Выставка KidsExpo проходила с 19 по 22 августа на территории мобильного выставочного центра за отелем «Каракум». Федерация футбола Туркменистана организовала на мероприятии специальную секцию.**



# MILLI DIZAÝNYŇ DÖWREBAP GÖRNÜŞLERI



◆ Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe eziz Watanymyzyň çeper medeniýeti düýpli esasda öwrenilýär. Gadymy döwürlerden bäri türkmen medeniýeti çeper senetleriň ösüşindäki naýbaşy esaslary özünde jemläpdir. Türkmen halkynyň däp-dessurlaryny, urp-adatlaryny mynasyp şöhlelendirýän milli dizaýn sungatymyz munuň aýdyň mysalydyr. Ol gadymy döwürden bäri gelin-gyzlarymyzyň döredýän el işleri, nagyşlary we türkmen milli lybasynyň görnüşleri girýär. Bu babatda Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginiň tejribeli agzalary uly işleri durmuşa geçirýärler. Şol sebäpli-de, türkmen halkyny tutuş Ýer ýüzüne şöhratlandyran bu sungatyň ähmiýeti döwlet hem halkara derejesinde juda wajypdyr.

Dünýä medeniýetiniň ösmeginde uly özgerişlikler dizaýn sungatynyň kömegi bilen amala aşyrylyşy ýaly, Garaşsyz Türkmenistanda hem dizaýn sungaty, sözüň doly manysynda, öz ornuny eýeleýär. Bu babatda etnografiýa we egin-eşik dizaýny boýunça uly öňegidişlikler has aýdyň görünýär. Diýmek, türkmen dizaýnerleriň döredýän her bir işine uly ähmiýet berilýär.

Ähli döwürlerde dizaýnerleriň özboluşly döredijilik ukyby, çäksiz zähmetsöýerligi bilen tanalyp gelen türkmen halkymyz öz döredijilik işini ýokary derejede kämilleşdirdi. Şu ýerde halk amaly-haşam sungatynyň öz gözelligi, peýdalylygy we rahatlygy boýunça dizaýn sungatynyň kämil nusgasy bolup durýandygyny bellemek zerurdyr. Dizaýn sungaty öz içinde birnäçe görnüşlere bölünýär. Olaryň arasynda milli aýratynlyklary boýunça iň wajyp hem-de gadymy görnüşleriň biri halk döredijiliginiň etnografiýa we egin-eşik dizaýny ugrudyr. Däbe öwrülen etnografiýanyň asyl manysy — maddy we ruhy medeniýetleriň düşünjesi, dizaýn bolsa öz gezeginde senetçilik işini düşündirýär. Ähli döwürleriň irki siwilizasiýalaryndan gözbaş alyp gaýdýan bu düşünjeler öz aralarynda utgaşyp, taryhy geçmişiň takyk häsiýetnamasyny ýüze çykarýar.

Etnografiýa dizaýny ulgamynda uly öňegidişlikleriň gazanylmagynyň çäklerinde Garaşsyz Türkmenistan Watanymyzda hem degişli pudak ýokary depginde giň gerimli ösüşe eýe boldy. Türkmen medeniýetiniň milli senetçiligiň deňi-taýy bolmadyk esasy ojaklarynyň biri hasaplanmagy bilen birlikde, etnografiýa dizaýny sungaty dünýä taryhynyň ähli sahypalaryndan eriş-argaç bolup geçýär. Çünki türkmen dizaýnerleriň döredip beren eserler millilige ýugrulyp, türkmen halkyny meşhurlyga ýetirdi. Munuň şeýledigi ýöne ýerden däl, mälim bolşy ýaly, Türkmenistan Watanymyz strategik taýdan merkezi sebitde ýerleşmegi sebäpli, geçmiş taryhyň ähli gymmatlyklaryny özünde jemleýär. Zehinli dizaýnerler Myrat Sähedow, Enegül Paşşyýewa, Kamil Altynbaýew, Sergeý Tumasýans, Jennet Garlyýewa we Dawid Stepanýan çeper senetleriň kemala gelmeginde milli däplerimiz elmydama saklap gelýärler. Biziň günlerimizde hiç wagt gymmatyny ýitirmeýän etnografiki dizaýn eserleri önümçiligiň dürli pudaklarynda giňden peýdalanylýar. Bu önümleriň ählisi halyçylyk, zergärçilik, külalçylyk, neçjarçylyk sungatlarynda öz mynasyp ornuny tapýar.

Mundan başga-da müňýyllyklaryň dowamynda nesilden-nesle geçip, biziň günlerimize gelip ýeten milli nagyşlar häzirkizaman dizaýn eserlerinde öz beýanyny tapýar. Olaryň arasynda egin-eşik dizaýny hem örän ähmiýetlidir. Egin-eşikleriň dizaýnynyň taryhy hem adamzat taryhynyň ilkidurmuş döwürden: maşgala urugynyň peýda bolan döwründen gözbaş alyp gaýdýar.

Türkmen halkynyň taryhynyň özboluşlylygy sebäpli, egin-eşikleri hem örän özboluşlydyr. Döwre laýyk geýilýän egin-eşik biziň gelin-gyzlarymyza aýratyn gözellik çaýýar. Egin-eşigiň görnüşleri halkyň köp asyrlyk taryhyny şöhlelendirmek bilen, onuň maddy medeniýetinde uly orun eýeleýär. Döwürleriň, taryhlaryň ykdysady özgerişleriniň täsiri netijesinde halkyň egin-eşikleri özleriniň gadymy görnüşlerini, biçimini saklap galmak bilen, halkyň taryhyny we medeniýetini öwrenmäge uly çeşme bolup durýar.

Türkmen egin-eşik ugry boýunça işleýän dizaýnerleri Leýli Haýidowa, Aýgözel Babaýewa, Läle Nepesowa we Aýna Bagatyrowa sünnälenip keşde salnan, gelşikli hem-de nepis tikilen egin-eşikleri uzakdan göreniňde-de gözüňi dokundyrýar we ajaýyp sungat eserini ýada salýar, ol göýä her hili nagyş bilen tebigatyň dürli reňk utgaşmalarynyň üstüni ýetirýär. Türkmenler egin-eşikleriniň dürli ýagty reňklerde bolmagyny halaýarlar. Haýsydyr bir reňki saýlap almak üçin matany uzak wagtlap boýag reňklerinde işleýärler. Elbetde, boýag reňkleri tebige bolupdyr. Boýaglar Diýarymyzda ösýän ösümliklerden alnypdyr. Netijede, işlenilýän reňkini gazanypdyrlar. Türkmenleriň arasynda iň söýülýän we hormat goýulýan reňkleriň biri-de gyzyl reňk bolupdyr. Gyzyl reňk türkmen jemgyýetinde hemişe tebigatyň janlandyryjy güýjüniň nyşany hökmünde hasaplanylypdyr. Adamlar onuň jadyly güýji we onuň nyşany ýaşaýşy gorap saklandygyna we durmuşda kömek edýändigine berk ynanypdyrlar.

Milli nagyşlar türkmen gelin-gyzlary üçin niýetlenen döwrebap dizaýn egin-eşiklerinde aýdyň şöhlelendirilýär. Olar öz gezeginde gyz-gelinleriň keşbine gaýtalanmajak nepislik äheňlerini çaýýarlar. Mälim bolşy ýaly, daşky owadanlyk tebigy gözellik bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Sebäbi »





milli nagyşlar tebigy gurşawymyzyň keşbini hem-de ynsan bilen tebigatyň özara sazlaşyklylygyny alamatlandyrýar. Şeýlelikde, nagyşlar halkyň ýaşaýyş-durmuşyny öz içine almak bilen, olaryň taryhy geçmişinden söz açýan syrly bezeg şekillerine öwrülipdirler. Bu gün bolsa täsirli serişdeleriň gözlegi çeper nagşyň moda bezegleri bolup, döwrüň aýratynlyklaryna has içgin kybapdaş gelmegini talap edýär. Şoňa laýyklykda, nagyşlananda reňkleriň saýlanyp alnyşynda, olaryň bejeriliş usulynda we taslamasynda özgerişlikler bolup geçýär. Has dogrusy, milli ýörelgeleriň, medeniýetiň täze kadalarynyň, zähmet şertleriniň, durmuşyň, adamlaryň hakykatdan dünýägaraýşynyň özgermegi bilen bilelikde ugurdaş döränd täze meýiller arkaly uýgunlaşýar.

Türkmen halkynyň taryhy baý mirasynyň bolmagy netijesinde, egin-eşikleriň hemmesi dizaýn sungatynyň ýokary derejesinde ýerine ýetirilipdir. Biziň halkymyz taryhy köklerini ýitirmän, häzirki döwürde hem öz milliligini saklap, döwrebap eşikler bilen geýnip bilýän halkdyr. Dizaýnerleriň inçeden nepis el işleriniň ählisi asyrlaryň dowamynda ýörgünli we kämil bolmagy şu günki milli dizaýn lybaslaryň bezeginde görmek bolýar. Döwrebap dizaýn egin-eşikleri, nesilden-nesle geçip gelen kämil sungat eseri hökmünde buýsanylmaga mynasypdyr.

Häzirki döwürde ýurdumyzda egin-eşikleri döredýän dizaýnerler diňe bir Türkmenistanyň Dizaýnerler birleşiginde bolman, olar ýurdumyzyň dokma (tekstil) ministrliginiň modeller öýünde, özbaşdak işleýän telekeçi firmalarynda hem öz işlerini ussatlyk bilen ýerine ýetirýärler.

Dizaýn sungaty türkmen halkynyň taryhy medeniýeti bilen gönümel baglanyşyklydyr. Häzirki wagtda etnografiki we egin-eşik dizaýnynyň birinji derejeli eserleri ýurdumyzyň tanymal muzeýlerinde, galyberse-de, Watanymyzyň çäklerinden daşynda öňdebaryjy orunlary eýeleýärler. Şunlukda, olar tutuş Ýer ýüzüne giňden ýaýrap, meşhurlyk gazandylar. Ýurdumyzda we daşary ýurtlarda dizaýn sungaty boýunça milli äheňli sergileriň yzygiderli gurnalmagy etnografiýa we egin-eşik dizaýnynyň iň gowy nusgalaryny ýüze çykarýar. Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiziň taýsyz tagallalary bilen ýurdumyzda milli dizaýn sungatynyň ösmegine we zehinli dizaýnerleriň täze nesliniň kemala gelmegine giň ýol açyldy. Gahryman Arkadagymyzyň tagallasy bilen ýola goýlan halypa-şägirtlik ýörelgesinden ugur alyp, giň gerimli ösüşiň çäklerinde ussat halypalar we şägirtler etnografiýa dizaýny, egin-eşigiň we tekstil önümleriniň dizaýny ugurlary boýunça halkara derejesinde geçirilýän sergilere işjeň gatnaşýarlar. Olaryň ýerine ýetirýän döwrebap nepis eserleri ýokary derejede bahalandyrylyp, baýrakly orunlara mynasyp bolýarlar.

**Selim RASULOW,**
**Türkmenistanyň Döwlet çeperçilik akademiýasynyň talyby.**

# ÝAŞLAR ÝEŇIŞLI ÝOLLARDA



◆ Hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda ýurdumyzda milli sporty we köpçülikleýin bedenterbiýe hereketlerini ösdürmek ugrundaky giň gerimli işler ussat türgenleriň sanynyň günsaýyn artmagyna getirýär. Hatda ýurdumyzyň iň çetki etraplaryndadyr obalarynda ýaşlaryň sport bilen meşgullanmaklary üçin ähli zerur şertleri özünde jemleýän sport mekdepleriniň, sport toplumlarynyň we stadionlaryň gurlup ulanylmaga berilmegi ussat türgenleriň hem sanynyň günsaýyn artmagyna getirdi. Biziň etrabymyzda-da özleri hakynda edilýän aladalara ýokary ýeňişleri, sport üstünlikleri bilen jogap berýän ýaşlaryň birnäçesi halypalaryň elinde tälim alyp, öz ussatlyklaryny barha artdyrýarlar. Şeýle ýaşlarymyzyň biri-de Halaç etrabyndaky 24-nji orta mekdebiň okuwçysy Annamyrat Derýakulyýewdir.

Kiçilikden göreşe höwesek Annamyrat 6-7 ýaşlaryndan bäri Halaç etrabyndaky 1-nji sport mekdebiniň tälimçisi, sport ussadyna dalaşgär Gündogdy Allaýewiň elinde dzýudo boýunça tälim alýar. Ol özüniň erjelligi, emel-tilsimlere erk edişi, tälimleri yzygiderli özleşdirişi bilen halypasynyň ynamyny tiz ödemegi başaran türgenleriň biri. Şeýlelikde, Annamyrat 8-9 ýaşlaryndan başlap, okuwdan boş wagtlary ýetginjekleriň arasynda geçirilýän ýaryşlara gatnaşyp başlaýar. Bu bolsa ýaş pälwanyň kämilleşmegi üçin uly mekdep bolýar.

Annamyrat geçen ýyl dzýudo boýunça geçirilen Lebap welaýatyň çempionatynda iň ýokary netijeleriň birini görkezdi, ýagny ol 90 kilogram agram derejesinde garşydaşlarynyň ählisinden üstün çykyp, birinji orna mynasyp bolýar. Ol ýaryşyň yzysüre bu üstünligini Türkmenistanyň çempionatynda hem gaýtalap, ilkinji gezek ýurdumyzyň çempiony bolmagy başardy. Üstümizdäki ýylyň baharynda bolsa ol Türkmenabat şäherindäki 4-nji sport mekdebinde dzýudo boýunça ýetginjekleriň arasynda geçirilen Lebap welaýatyň çempionatyny gazanmak ugrunda geçirilen ýaryşda 100 kilograma çenli agram derejesinde çykyş edip, ýene-de welaýatymyzyň çempiony boldy. Şeýle hem ol welaýatymyzda geljegine uly bil baglanýan ussat türgenleriň arasynda guralýan ýaryşlarda, birinjiliklerde yzygiderli baýrakly orunlary eýeläp, öz başarnygyny subut edip gelýär. Ýaş pälwan ýigidiň şeýle üstünlikleri onuň yhlasynyň, erjelliginiň miwesidir.

Annamyrat maksadaokgunly oglanlaryň biri. Ol dzýudonyň ýany bilen kuraş, sambo we söweş sambosy boýunça hem döwlet derejesinde geçirilýän ýaryşlara yzygiderli gatnaşyp, öz kämilligini barha artdyrýar. Ol etrabyň woleýbol toparynyň hem iň ussat türgenleriniň biri. Halypa tälimçileriň özüne bildirýän belent ynamyny aňryýany bilen ödemegi maksat edinýän Annamyrat badyny birjik-de gowşatmaýar. Ol geljekde ussat türgenleriň biri bolup, ýurdumyzyň sport abraýynyň belende galmagyna öz mynasyp goşandyny goşmagy maksat edinýär.

Biz hem özleri hakynda edilýän bimöçber aladalara jogap edip, ýeňişli ýollary kürterleýän ýaş pälwana uly üstünlikleri arzuw edýäris. Ýurdumyzda şeýle ussat türgenleriň, sagdyn nesilleriň kemala gelmegi ugrunda tagallalaryny gaýgyrmaýan hormatly Prezidentimize çäksiz hoşallyk aýdýarys.

**Ýaraş HAÝYTOW,**
**TMÝG-niň Lebap welaýatynyň Halaç etrap Geňeşiniň başlygy.**

# INDIKI DURALGA HAÝSY?

**Tomus pasly ähli ýaşdaky, ähli kärdäki ynsanlaryň söýgüli pasly hasaplanýar. Sebäbi özüniň hezillikleri bilen göwünleri hoşlaýan bu pasyl dynç alyşlardyr ýakymly ýatlamalary bilen tapawutlanýar. Ýurdumyzda Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen körpelerimizden başlap, ähli ýaşdaky raýatlar üçin döwrebap dynç almaga, wagtlaryny hoş geçirmäge, saglyklaryny dikeltmäge giň şertler döredilen. Köpsanly çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleri, şypahanalar özleriniň gapylaryny tomus paslynda hem giňden açýar.**



◆ Dynç almagyň lezzet paýlaýan görnüşleriniň biri hem maşgala bolup ýa-da dostlaryňdyr kärdeşleriň bilen syýahat etmek, owadan ýerleriň, tebigat goýnunyň ajaýyplyklaryny duýmakdyr. Eziz Diýarymyz owadan hem syýahat etmek üçin amatly ýerlere diýseň baý. Geliň, onda Watanymyzyň goýnuna gaýybana seýle çykalyň. Ilkinji duralga Balkan welaýatynda ýerleşýän Hazaryň ajaýyp kenary «Awaza» milli syýahatçylyk zolagy. Awazanyň suwy, howasy, palçygy, ösüntgisi-de dermandyr. «Awaza» şypahanada aeroterapiýany, gelioterapiýany, talassoterapiýany (deňiz howasyndan dem almak), deňiz suwuny, ýod-bromly bejeriş mineral suwy, fiziobejeriş usullaryny, algoterapiýany (deňiz suw otlaryny) we beýleki birnäçe bejeriş usullary öz içine alýan, ýagny toplumlaýyn bejeriş-sagaldyş usullary giňden ulanylýar. Saglygy berkitmek, şeýle-de dynç almak, gezelenç etmek üçin «Awaza» iň laýyk merkezdir.

Ikinji duralga Ahal welaýatynyň Bäherden etrabynyň çäginde ýerleşýän «Arçman» şypahanasy. 1915-nji ýyldan bäri halkymyza hyzmat edýän bu şypahanada iki sany anyklaýyş we bejeriş bölümi bolup, onda iki sany USB otagy, endoskopiýa otagy, rentgen otagy, fizioterapiýa bejergiler üçin otaglar, sagaldyş-bedenterbiýe, wulkan palçygyny ýüze ýapmak otagy, diş etine ýapgy ýapmak otagy, owkalaýyş otaglary hereket edýär. Suw bilen bejeriş bölüminde bejeriş wanna, derman ösümliklerden wanna, aşgazan ýuwýan otag, suw pürkmek arkaly geçirilýän em ýaly otaglar, barlaghana, suw içilýän bölümleri hereket edýär. Raýatlara gerek bolan halatynda ginekolog, stomatolog, newropatolog, gastroenterolog, iç keseller lukmanlary saglygy goraýyş kömegini berýärler.

Indiki duralga ýurdumyzyň demirgazygynda ýerleşýän Daşoguz welaýaty. Bu ýerde biri-birinden gaty uzak bolmadyk 360 pirlere, Aşyk Aýdyň piriň guburyna, Ybraýym Edhem ýadygärligine zyýarat edip bilersiňiz. Ähli syýahatçylar üçin döredilen mümkinçilikler hem-de daşoguzlylaryň myhmansöýerligi siziň rahat dynç almagyňyza, zyýarat hem gezelenç etmegiňize ýardam berer.

Täsinlikleriň gözleginde bolan ýolagçylar üçin indiki duralgamyz Lebap welaýatynyň çägindäki Köýtendagyň Hojapil obasynyň golaýynda baglara bürenen «Kyrkgyz» jülgesi we adybir gowak. Bu täsin jülgäniň tebigy «bassyrmasynyň» aşagyna birbada 3 müňe golaý adam ýerleşip bilýär.Jülgäniň diwarlarynyň beýikligi 200 metre, ini 15-den 300 metre çenli baryp ýetýär. Onuň gutarýan ýerinde ýerden çeşme çykýar. Onuň suwy dertlere derman hasaplanýar. «Kyrkgyz» jülgesi müňlerçe reňkli uzyn dilkawlar bilen bezelen görnüşde syýahatçylaryň öňünde örboýuna galýar. Ýerli ýaşaýjylaryň aýtmagyna görä, bu keramatly ýere gelen adam öz ýürek arzuwynyň hasyl bolmagyny dileg edýär. Olar öz ýanynda getiren mata bölejigini toýunly palçyga batyryp, ony daşdan üstüňe abanýan gümmeze atýarlar. Eger ol dag gümmezine ýapyşsa, ýürek isleginiň hökman hasyl boljakdygyna ynanylýar.

Öňümizdäki duralga «ýol boýundaky şäher», has takygy, Mary welaýatynyň Ýolöten etraby. Ýolöten etrabynyň çäklerinde taryhy we medeni ýadygärlikleriň 33-si ýerleşýär. Olar Talhatanbaba kümmet-metjidinden, Ymambakyr Muhammediň kümmetinden, Ahunbaba kümmet medresesinden, Gammarbaba kümmetinden we Hoja Pursantbaba kümmetinden ybaratdyr. Bu taryhy ýadygärliklerde halkymyzyň geçmişine, medeni mirasyna degişli gymmatly maglumatlar saklanandyr. Özüniň ajaýyp tebigaty bilen özüne çekýän Mary topragy dynç almak, peýdaly maglumatlary öwrenmek üçin iň dogry duralgadyr.

Täsinliklere baý duralgalaryň biri hem Balkan welaýatynda Köpetdagyň eteginde owadan dag manzarlarynyň içinde ýerleşýän Parawbibiniň ak aramgähidir. Paraw obasy Balkan welaýatynyň Gyzylarbat şäherinden Bereket şäherine tarap, takmynan, şähera ýoldan 10 km ýol gideniňden soňra çep tarapda ýerleşýär. Keramatly ýer hasaplanýan bu ýeriň rowaýatlary size gyzykly bolsa, bu tomus bu ýere zyýarata gelip bilersiňiz.

Ýene-de bir düşlemäge mynasyp duralgalaryň biri Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň «Änew — müňýyllyklardan gözbaş alýan medeniýet» atly kitabyndan orun alan Seýitjemaleddin metjidi. Bu ýer uly dini toplum hökmünde görülýär we ol zyýaratçylar üçin zyýarathanany, hanakany we hüjreleri özünde jemleýär. Aýlawyň ýokarsynda özboluşly mozaika bolup, onda alma gülleriniň zemininde towlanyp duran iki sany aždarha bar. Ol esasy böleginde aždarha şekilleri bolan dünýädäki ýeke-täk metjitdir.

Ýurdumyzyň welaýatlarynyň ýaşaýjylary üçin owadan paýtagtymyz, Aziýanyň merjeni Aşgabat şäherine syýahata gelmegi maslahat berýäris. Gün-günden gözelleşýän Aşgabat şäherinde dynç almak üçin döredilen seýilgähleriň, söwda we dynç alyş merkezleriniň, binalaryň sanawy sanardan kän. Muňa mysal edip, Garaşsyzlyk binasy, Bitaraplyk binasy, Ertekiler dünýäsi, Aşgabat seýilgähi, «Aşgabat», «Arkaç», «Berkarar», «Gülzemin» söwda we dynç alyş merkezlerini, «Daşkent» seýilgähi we beýlekileri sanamak bolar.

Gahryman Arkadagymyzyň ylhamyndan döräň Arkadag şäheri — soňky duralgamyz. Açylanyna bir ýyl wagt bolanam bolsa özüniň owadanlygy, ekologiýa taýdan arassalygy bilen saýlanýan bu şäheri synlap gözüň doýmaýar.

Biz şadyýan tomus günlerini mähribanlaryňyz bilen ýakymly ýatlamalara büremegiňizi arzuwlaýarys. Owadan ülkämizde dynç almaga, syýahat etmäge adyny agzap ýetişmedik ýerlerimiz hem kän. Gezip, olary keşt etmek sizden. Şunlukda, indiki duralga haýsy?

**Annabeg AÝMAKOWA,**
**žurnalist.**

**Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýylynda giňden belleniljek Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli yglan edýän «1000 söz» atly döredijilik bäsleşiginiň**

# DÜZGÜNNAMASY

**Bäsleşigiň maksady:**

Gahryman Arkadagymyzyň parasatly ýolbaşçylygynda ýurdumyzda ähli ugurlar boýunça ösüşlere eýe bolup, belent sepgitlere ýetildi. Häzirki wagtda Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň taýsyz tagallalary bilen şol sepgitleriň hatary has-da uzaldylyp, gazanylýan ösüşleri bu gün dünýä jemgyýetçiligi biragyzdan ykrar edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň we Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň başda durmagynda ata Watanymyzda gazanylýan ajaýyp üstünliklere ser salyp, Garaşsyzlygymyzyň şanly 33 ýyllygy mynasybetli sport we bedenterbiýe ulgamynda gazanylan ajaýyp üstünlikleri, türkmen sportuny ösdürmekde mukaddes Garaşsyzlygymyzyň halkymyza eçilen miwelerini halk köpçüligine we dünýä jemgyýetçiligine ýetirmek maksady bilen, «1000 söz» atly döredijilik bäsleşigi yglan edilýär.

**Bäsleşigiň düzgünleri:**

Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň 33 ýyllygy mynasybetli geçirilýän «1000 söz» atly döredijilik bäsleşigine ýurdumyzyň habar beriş serişdelerinde işleýän ýaş döredijiler, döredijilik bilen meşgullanýan ýaşlar, mugallymlar, talyplar, okuwçylar we döredijilik bilen meşgullanýan watandaşlarymyz gatnaşyp bilerler.

Bäsleşige gatnaşýanlar «1000 söz» şygary astynda ýurdumyzyň sport ulgamynyň durnukly ösüşi, sportda ýetilýän belent sepgitleri, türkmen türgenleriniň we tälimçileriniň gazanýan üstünliklerini, sportda halypa-şägirtlik ýörelgesiniň rowaçlanýandygyny buýsanç bilen beýan etmelidirler. Şol sanda sport ulgamynyň wekilleriniň, dürli pudaklarda sporty wagyz edýän watandaşlarymyzyň sagdyn durmuş ýörelgesini ýaýbaňlandyrmakda şahsy görelde görkezýän we bu döwletli tutumlara mynasyp goşandyny goşýan ildeşlerimiziň alyp barýan işleri, halkymyzyň döreden milli we hereketli oýunlarynyň terbiýeçilik ähmiýeti, şeýle-de ýurdumyzda belli sungat ussatlarynyň, ylmy we jemgyýetçilik işgärleriniň sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmäge goşýan goşandy barada 1000 sözden az bolmadyk möçberde öz eserlerini ugradyp bilerler.

Bäsleşigiň şerti boýunça «1000 söz» şygary astynda ýazylan žurnalistikanyň we edebiýatyň dürli žanrlarynda taýýarlanylan eserler kabul ediler.

Bäsleşigiň eminler topary Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komitetiniň «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hem-de Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşiniň jogapkär işgärlerinden düzülýär.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 33 ýyllygy mynasybetli geçirilýän «1000 söz» döredijilik bäsleşigine gatnaşyp, eminler topary tarapyndan tapawutlananlaryň 33-si ýeňiji diýlip yglan ediler. Olara Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Ýaşlar guramasynyň Aşgabat şäheriniň Bagtyýarlyk etrap Geňeşi tarapyndan gymmat bahaly sowgatlar, Hormat hatlary, şeýle-de «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň sanlary gowşurylar.

**Bäsleşigiň geçiş tertibi:**

Bäsleşige gatnaşmaga isleg bildirýänler şu bäsleşigiň döwürleýin metbugatda we resmi saýtda çap edilen gününden başlap, 2024-nji ýylyň 27-nji sentýabryna çenli öz materiallaryny görkezilen salga elektron nusgada iberip bilerler.

Ugradylan eserler we materiallar «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynda we onuň «7/24.tm» hepdelik elektron goşundysynda çap edilip bilner. Materiallary çap etmek redaksiýanyň ygtyýaryna berilýär.

**Elektron salgymyz:**
**turkmenistansport@sanly.tm**
**Telefon: 22-81-38.**



## DILDE SENAM — TÜRKMENISTAN

◆ Türkmenistan Garaşsyzlygyny 1991-nji ýylda gazandy. Her ýylyň 27-nji sentýabry Türkmenistanyň Garaşsyzlyk günüdir.

◆ Türkmenistan 1992-nji ýylyň mart aýynda Birleşen Milletler Guramasynyň doly hukukly agzasy boldy.

◆ Türkmenistan 1995-nji ýylda Birleşen Milletler Guramasy tarapyndan ykrar edilen dünýäde ilkinji hemişelik Bitarap döwlet halkara hukuk derejesine eýe boldy. Birleşen Milletler Guramasy 2015-nji ýylda bu hukuk derejesini berkitmek maksady bilen ikinji gezek Kararnama kabul etdi.

◆ Türkmenistan häzirki wagtda dünýäniň 151 döwleti bilen diplomatik gatnaşyklary ýola goýdy we abraýly halkara guramalarynyň 50-den gowragynyň agzasydyr.

◆ Türkmenistan häzirki wagta çenli Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 10-a golaýynyň wisebaşlyklygyna saýlandy. Birleşen Milletler Guramasy häzirki güne çenli Türkmenistanyň teklibi boýunça ýörite Kararnamalaryň 20-ä golaýyny kabul etdi.

◆ Türkmenistan hemişelik Bitaraplyk hukuk derejesinden gelip çykýan sebitde ylalaşdyryjy merkez hökmünde üstüne alan borçlaryna hemişelik ygrarly bolup galmak bilen, sebitde we dünýäde parahatçylygy, asudalygy, agzybirligi we jebisligi gorap saklamakda düýpli diplomatik tagallalary durmuşa ornaşdyrýar. Ekologiýa, energetika, ulag-aragatnaşyk, sport, medeniýet diplomatiýalaryny üstünlikli amala aşyrýar.

**«7/24.tm»**

# ТУРКМЕНСКИЕ ЖУРНАЛИСТЫ ЗАВОЕВАЛИ НАГРАДЫ МЕЖДУНАРОДНОГО КОНКУРСА «КАСПИЙ БЕЗ ГРАНИЦ»


Фото Иламана Чуриева

◆ Туркменские журналисты завоевали награды в нескольких номинациях XI международного конкурса «Каспий без границ», на который было подано более 130 работ. Церемония награждения состоялась в Астрахани в рамках IX Каспийского медиафорума.

В номинации «ФотоКаспий» первое место было присуждено Иламану Чуриеву – сотруднику газеты «Туркменистан», который недавно стал студентом Туркменского государственного института физической культуры и спорта. Так высоко жюри оценило его цикл фоторабот, посвященных совместному представлению артистов Большого Московского Государственного цирка, Московского цирка Никулина на Цветном бульваре и туркменской конной группы «Галкыныш».

Второго места в номинации «Каспий – территория здоровья» за материал о развитии футбола в Туркменистане был удостоен Вагиф Самедов из сетевого издания «CentralAsia.news».

Специальный приз жюри получил Мятгурбан Маткурбанов из газеты «Biznes reklama» за работу о туристических возможностях Туркменистана. Об этом сообщает «Туркменпортал».

Конкурс проводился в пяти номинациях: «ФотоКаспий», «Свежий взгляд», «Человек и море», «Открывая страны Каспия» и «Каспий – территория здоровья». Помимо основных наград, жюри также вручило Гран-при и специальные призы.

Напомним, организаторами популярного проекта выступают администрация губернатора Астраханской области и региональное министерство государственного управления, информационных технологий и связи. Конкурс проводится в целях формирования единого информационного пространства средств массовой информации стран Каспийского региона. В нём уже приняли участие более 500 СМИ и авторов. И год от года это число растёт.

**www.ussatnews.com**

# НОВАЯ МЕДИАПЛАТФОРМА «КАСПИЙ СЕГОДНЯ» БУДЕТ СОДЕРЖАТЬ КОНТЕНТ НА ТУРКМЕНСКОМ ЯЗЫКЕ




◆ Новую информационную контент-площадку «Каспий сегодня» презентовали на IX Каспийском медиафоруме, который прошел в Астрахани 16-17 августа. Как передает ТАСС, медиаплатформа позволит преодолеть дефицит информации и повысить ее доступность.

Посетители платформы смогут просматривать новости на шести языках, в том числе на казахском, туркменском, азербайджанском и английском. Журналисты стран Прикаспия приглашены к участию в работе «Каспий сегодня».

**О Каспийском медиафоруме**

Идея форума родилась в 2014 году на саммите «пятерки» стран Каспийского моря (РФ, Казахстан, Азербайджан, Иран, Туркменистан). Первый Каспийский медиафорум прошел в Астрахани в 2015 году. За время проведения форума в Астраханской области была создана Каспийская редакция, Каспийский экспертный клуб, также регулярно осуществляется обмен информацией.

Трансляция мероприятий организована в официальных сообществах ТАСС, а также на сайте Каспийского медиафорума.

**www.turkmenportal.com**






# TÜRKMEN SAMBOÇYLARY DÜNÝÄ KUBOGYNDA

◆ Sambo boýunça milli ýygyndy toparymyzyň türgenleri 15-16-njy awgustda Gyrgyz Respublikasynyň Çolpan-Ata şäherinde geçirilen Sambo boýunça dünýä kubogyna gatnaşdylar. Sport sambosy we söweş sambosy nusgalary boýunça erkekleriň hem-de zenanlaryň arasynda geçirilen bäsleşiklerde milli türgenlerimiziň 29-sy çykyş etdi. Oýunlaryň birinji gününde 71 kilogram agram derejesinde çykyş eden türgenimiz Kambar Umarow «FIAS 2» toparynyň türgeni Uladzislau Mardusewiç bilen 3-nji orny paýlaşyp, bürünç medala eýe boldular.

Ýaryşyň birinji gününde söweş sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan bäsleşiklerde 64 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Kerim Kerimow gazagystanly türgen Maratbek Rahmetullin bilen üçünji orny paýlaşyp, bürünç medala, 79 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Agasapar Muhadow gazagystanly türgen Bakyzhan Duisembekow bilen üçünji orny paýlaşyp, bürünç medala eýe boldular.

Ýaryşyň ikinji güni milli ýygyndy toparymyz üçin has-da ýeňişlere baý boldy. Onda sport sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan bäsleşiklerde 58 kilogram agram derejesinde çykyş eden Babamurat Baýramow özbegistanly türgen Munis Bahtiýorow bilen üçünji orny paýlaşyp, bürünç medaly, 64 kilogram agram derejsinde çykyş eden milli türgenimiz Niýazmyrat Babekow birinji orny — altyn medaly eýelediler.

Söweş sambosy boýunça erkekleriň arasynda guralan bäsleşiklerde 58 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Ýusup Taňryberdiýew 2-nji orny eýeläp — kümüş medal, 88 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Maksat Annagylyjow gazagystanly türgen Tanirbergen Tergeubekow bilen üçünji orny paýlaşyp, bürünç medal gazandylar.

Ýaryşyň ikinji güni söweş sambosy boýunça çykyş eden zenan türgenlerimiz üçin hem ýeňişli gün boldy. Onda 54 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Zarina Abdyrahmanowa ikinji orny — kümüş medaly, 72 kilogram agram derejesinde çykyş eden milli türgenimiz Gülzada Jorakulyýewa ysraýylly türgen zenan Nisimian Şaked bilen üçünji orny paýlaşyp, bürünç medaly eýelediler.

# SCHOOL BAZAARS ARE IN FULL SWING

◆ The closer the new 2024-2025 school year is, the more active the trade is at school bazaars and fairs, which traditionally begin their work everywhere in the last month of summer – in large shopping centres, specialized pavilions and small stores.

An interesting observation. The closer it gets to the first holiday of autumn – the Day of Knowledge and Student Youth – the more products are presented in the palette of their wide assortment. With such an abundance of school supplies, it is not easy to make a choice, for example, even of a particularly attractive backpack – there are so many different models of this product on the shelves, and each one is more beautiful than the other, that you are literally at a loss when making a purchase decision.

There are many buyers in the pavilions selling school uniforms these days. A wide assortment of bright or strict, but at the same time rich colours of fabrics, which national models of school dresses for girls and suits for boys are sewn of, involuntarily attract the special attention of buyers. The scope for choice on the shelves with sportswear of different designs, intended for all tastes and preferences of a different-age school audience of fans of physical culture and sports is also surprising. In a word, the organizers of school bazaars and fairs tried their best to satisfy all requests for necessary goods for students of different age groups.



◆ Daşaguz welaýatynyň bedenterbiýe we sport baradaky Baş müdirliginiň garamagyndaky Akdepe etrabynyň 2-nji sport mekdebinde sportuň 7 görnüşi boýunça tälim berilýär. Olar boks, ýaýdan ok atmak, basketbol, woleýbol, futbol, stoluň üstünde oýnalýan tennis, adaty-karate görnüşleridir. Biziň mekdebimizde ussat tälimçi-mugallymlaryň ýolbaşçylygynda ýaş türgenleriň 500-den gowragy okuw-türgenleşik sapaklaryny geçýärler.

Mekdebimizde hormatly Prezidentimiziň sagdyn durmuş ýörelgesine eýermek, sport bilen meşgullanmak boýunça öňe sürýän döwlet syýasatyny durmuşa geçirmek, zyýanly endiklerden daşda durmak, şeýle-de, arassaçylyk tertip-düzgünlerini doly we dürs berjaý etmek barada wagyz-nesihat çäreleri hem yzygiderli geçirilýär.

**Sapargeldi HOJANÝAZOW**
**Akdepe etrabynyň 2-nji sport mekdebiniň müdiriniň okuw-sport işleri boýunça orunbasary.**

◆ Gyzylarbat etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň 2-nji sport mekdebi boks boýunça bäsleşik geçirdi. TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşi bilen bilelikde guralan bäsleşikde etrabyň 2-nji sport mekdebiniň türgenleri özara güýç synanyşdylar. Bäsleşik diýseň gyzykly ýagdaýda geçdi. Ýaş boksçularyň arasyndaky bäsleşigiň jemi boýunça Ysmaýyl Tahyrmämmedow (28 kg), Durdy Durdymämmedow (32 kg), Dawut Aşyrow (34 kg), Ýusup Hojanazarow (38 kg), Aman Rejepow (40 kg), Eýýup Agoýlyýew (42 kg), Geldi Otuzow (46 kg), Aly Tagandurdyýew (48 kg), Arslan Agylow (+50 kg) 1-nji orna mynasyp boldular.

Ýeňiş gazananlara TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşi tarapyndan sowgatlar hem-de 2-nji sport mekdebiniň Hormat hatlary gowşuryldy.

**Gülälek NURYÝEWA,**
**Gyzylarbat etrabynyň bedenterbiýe we sport bölüminiň 2-nji sport mekdebiniň usulyýetçisi, TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň işjeň agzasy.**

◆ 18-nji awgustda Gazagystanyň Şymkent şäherinde jiu-jitsu boýunça Merkezi Aziýanyň çempionaty (JJAU Regional Championship Central Asia 2024) tamamlandy. Türkmen türgenleri bu ýaryşda 2 altyn, 8 kümüş we 7 bürünç medal gazandylar diýip, Jiu-jitsu boýunça halkara federasiýasy habar berýär.

Türkmenistanly türgen Jelilmuhammet Hojamyradow 77 kilograma çenli agram derejesinde final tutluşygynda gazagystanly Žarmahan Bakirowy ýeňip, çempion bolmagy başardy.

Aýallaryň arasynda 48 kg-a çenli agram derejesinde ýene bir türkmen türgeni Hurma Abdyýewa Gazagystandan Žunis Tuýmegüli ýeňip, altyn medal aldy. Ýaryşa 6 ýurtdan — Gyrgyzystandan, Gazagystandan, Täjigistandan, Özbegistandan, Italiýadan we Türkmenistandan jemi 570 türgen gatnaşdy.

**Metbugat maglumatlary esasynda taýýarlan**
**Mamagül JORAÝEWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň talyby.**

◆ «Dosan batyr» sport toplumynda meşhur boksçy Bokenbaý Saktaganowyň ýadygärligine bagyşlanyp geçirilen iri halkara sport bäsleşiginde 54 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Jeýhun Döwranow altyn medal, 57 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Meýlis Şadurdyýew kümüş medal, 48 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Hangeldi Lukmanow, 60 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Mekan Sabyrow, 63,5 kilograma çenli agramda çykyş eden Annageldi Jumamyradow we 67 kilograma çenli agram derejesinde çykyş eden Atageldi Seýidow bürünç medal gazandylar.

Türkmenistanyň, Täjigistanyň, Özbegistanyň we Gazagystanyň wekillerini özünde jemlän halkara ýaryşynda gazanylan bu guwandyryjy netijeler milli ýygyndy toparymyzyň türgenleriniň ussatlyk basgançaklaryndan barha ýokary galýandyklaryny görkezýän buýsançly waka boldy.

Bu iri halkara ýaryşda milli ýygyndy toparymyzyň türgenlerine ýurdumyzyň ýetginjekler ýygyndy toparynyň uly tälimçisi Maksut Şeripow bilen baş tälimçisi Tenilbek Kumakulow tälim berdi. Bu halkara ýaryşyna ildeşimiz Timur Halilow hem emin hökmünde gatnaşdy.

Ýetginjek boksçularymyzyň Aktau şäherinde geçirilýän bäsleşiklere şu ýylyň dowamynda ikinji gezek gatnaşýandyklaryny bellemek bolar. Dostlukly döwletde fewral aýynda geçirilen halkara ýaryşynda hem Maksat Şeripowyň tälimçiligindäki milli ýygyndy toparymyzyň ýetginjek türgenleri medallaryň 8-sini gazanypdylar. Milli türgenlerimizden Meýlis Şadurdyýew, Hangeldi Lukmanow we Mekan Sabyrow bu ýaryşlaryň ikisinde hem hormat münberine çykdylar.

**Mamagözel SUWHANOWA,**
**Türkmen döwlet bedenterbiýe we sport institutynyň sport žurnalistikasy hünäriniň talyby.**



# HATLY BUKJALAR

## HABAR BERÝÄR



◆ Туркменский государственный институт физической культурыBosagada — güýz pasly. Bilim ojaklarynda mekdeplerde täze okuw ýylyna jemgyýetçilik guramalary meýilnama boýunça güýzde edilmeli işleriň aladasy bilen gümra. Sport mekdeplerinde we etrapdyr şäherlerdäki bedenterbiýe we sport bölümlerinde ýaşlaryň arasynda sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz etmek, olary köpçülikleýin sporta çekmek boýunça gyzgalaňly işler alnyp barylýar. Ýurdumyzyň jemgyýetçilik guramalarynyň hünärmenleri bolsa ähli ulgamlardaky işlerde işjeňlik görkezýärler.

TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň başlygy Aşyrberdi Aýdogdyýew, TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň başlygy Nury Nuryýew, TMÝG-niň Kerki şäher Geňeşiniň başlygy Arzuw Rahmanowa, TMÝG-niň Baýramaly etrap Geňeşiniň başlygy Hojamyrat Akmyradow ýurdumyzda alnyp barylýan döwletli başlangyçlara gyzgyny bilen seslenip, özleriniň ýolbaşçylyk edýän guramalarynda wagyz-nesihat işini guramaçylykly alyp barmak üçin tagalla edýändiklerini öz hatlarynda beýan edýärler.

TDP-niň Türkmenbaşy şäher komitetiniň bölüm müdiri Begençmyrat Pyhyýew, TMÝG-niň Lebap welaýat Geňeşiniň umumy bölüminiň müdiri Aziz Rozymuradow bilen TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň bölüm müdiri Döwran Hemraýew, TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň esasy hünärmenleri Ogulmaral Gylyjowa bilen Ogulsenem Çalowa, Mary welaýat maliýe-ykdysady orta hünär okuw mekdebiniň mugallymy, ilkinji Ýaşlar guramasynyň başlygy Ýeňiş Myradow, TKA-nyň Balkan welaýatynyň Gyzylarbat etrap birleşmesiniň esasy hünärmeni, TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň işjeň agzasy Aýnagözel Muhammedowa dagynyň redaksiýamyza iberen hatlarynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisine görülýän taýýarlyk hakynda gürrüň edilýär.

TMÝG-niň Balkanabat şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Aýgül Işanmämmedowa bilen şol guramanyň baş hünärmeni Ananýaz Sapaýewanyň, TMÝG-niň Köýtendag etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni Göwher Möwlýamowa bilen TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň esasy hünärmeni Laçyn Akyýewanyň, TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň müdiri Şöhrat Mämmethanow bilen şol guramanyň esasy hünärmeni Gülruh Nazarowanyň hatlarynda Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy mynasybetli geçirilýän duşuşyklar, edebi-döredijilik bäsleşikleri şöhlelendirilýär.

TMÝG-niň Köýtendag etrap Geňeşiniň başlygy Döwletgeldi Batyrowyň iberen habarynda täze okuw ýylyna görülýän taýýarlyklardan söhbet açylýar. Ol ýaş nesliň döwrebap bilim almagy üçin döredilýän mümkinçilikler hakynda buýsançly gürrüň edipdir. TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni Şemşat Baýaýýewa bilen TMÝG-niň Kerki etrap Geňeşiniň sanly ulgam boýunça hünärmeni Oýdin Aşirowa hereketli oýunlary wagyz etmek boýunça geçirilýän çärelerden söhbet açýan habary ýollapdyr. Türkmenbaşy etrabynyň 1-nji sport mekdebiniň tälimçi mugallymy Baýmyrat Çannyýew «Daýanç» çagalar dynç alyş merkezinde sportuň şaşka görnüşi boýunça sport çäresi hakynda ýazypdyr.

TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň baş hünärmeni Kakamyrat Nurberdiýew bilen şol guramanyň buhgalteri Kuwwat Öwezdurdyýew, TMÝG-niň Baýramaly şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Aýsona Geldimyradowa bilen şol guramanyň uly buhgalteri Maksat Annamyradow, TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmenleri Maýa Beşimowa bilen Gülbahar Beşimowa bolsa ýaşlaryň arasynda geçirilýän wagyz-nesihat duşuşyklaryndan we sport ýaryşlaryndan galan täsirlerini okyjylar bilen paýlaşypdyrlar. TMÝG-niň Balkanabat şäher Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň baş hünärmeni Baýramgül Safarowa 2009-2010-njy ýyllarda doglan gyzlaryň arasynda Hazar şäherçesindäki 4-nji we 5-nji sport mekdebiň okuwçylarynyň arasynda guralan woleýbol ýaryşyny teswirlän bolsa, TMÝG-niň Türkmenabat şäher Geňeşiniň esasy hünärmeni Gülşat Çaryýewa welaýatda guralýan sagdyn durmuş ýörelgesini wagyz edýän duşuşyklary beýan edipdir.

TMÝG-niň Gyzylarbat etrap Geňeşiniň esasy hünärmeni Güljahan Garaýewa bilen şol guramanyň sanly ulgam boýunça esasy hünärmeni Altynaý Mämmetnazarowa, TMÝG-niň Dänew etrap Geňeşiniň guramaçylyk bölüminiň esasy hünärmeni Melike Rozyýewa, TMÝG-niň Tejen etrap Geňeşiniň bölüm müdiri Röwşen Hojageldiýew, TMÝG-niň Balkanabat şäher Geňeşiniň esasy hünärmeni Baýramgül Saparowa ýaşlaryň arasynda alnyp barylýan işleri, döredijilik duşuşyklaryny, sport ýaryşlaryny teswirläpdirler. Munuň özi olaryň alnyp barylýan döwletli başlangyçlary gyzgyny bilen şöhlelendirmäge işjeň gatnaşýandyklaryny görkezýär.

«Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň elektron salgysyna gelýän habarlar, däp bolşy ýaly, «7/24.tm» hepdelik elektron goşundymyz arkaly okyjylar bilen paýlaşylýar. Biziň neşirimizde, esasan, sagdyn durmuş ýörelgesiniň, Olimpiýa hereketiniň, hereketli oýunlaryň, bedenterbiýe we sporty ösdürmegiň möhüm ugurlarynyň öňe sürülýändigi nazara alnyp, şol temalardaky çykyşlaryň redaksiýamyza ugradylmagyna garaşýandygymyzy ýatladýarys.

**«7/24.tm»**

HEKAÝA

# MYHMAN KÜŞTÇI

Onuň geljek habary obanyň küştçülerini, ýok, asyl obany herekete getirdi. Obanyň küştçüleri: «Ol adam nähili adamka, şeýle ezber oýnaýarmyka?» diýip oýa batsa, beýleki adamlar: «Küştçüleriň obasy diýen adymyz püçege çykaýarmyka?» diýip oýa batýardylar.

Obadaky küşt oýnaýanlaryň uludan-kiçi barysynyň bir ýygnanýan ýeri bardy. Olam obanyň kontorynyň ýanyndaky gyralary tutly, içem dürli baglardan doly bolan tokaýlykdy. Guşlara gelip baglyga, adamlaram gelip aşagyna gonardylar. Eger işi çykyp, birki adam gitse, ondanam köp adam ýerine gelerdi. Asyl baglygyň aşagynda, köplenç, on-ýigrimi adam bardyr. Eli boşraklar ýörite olaryň oýnuny görmäge gelse, kiçiräkler küşt öwrenmäge gelerdi. Bagdaky guşlaram şu adamlary synlap oturan ýalydyr. Käteler-ä sesleri çykmaz, käte-de adamlaryň gohuna goşulyp, «jagyl-jugul» bolup, janagyryly seslenerdiler. Bu ýere gelýän küştçüleriň özüne göwni ýetýänleriniň öz küşt tagtasy bardy. Biri-birindenem kaşaňlygy bilen tapawutlanardy. Ýöne oba adamlaryny tagtanyň owadanlygy gyzyklandyrmazdy. Olary gyzyklandyrýan zat birinjilik. Esasy kim utýar? Şony welin «Watan» habarlaryndan gören ýaly biläýmelidi. Indi esli wagt bäri birinjiligi Meret aga, ikinjiligi Toýly ussa, üçünjiligi Mämmedaman mugallym saklap gelýärdi. Başga obalardan, käte şäherden hem ýörite oýunçylar gelerdiler. Ýöne olaram utulyp giderdiler.

Belli gumly küştçiniň geljek habaryny getirenem mal söwdasy bilen meşgullanýan Sapady. Ol soňky gezek guma gidende, şol töweregiň utup bolmaýan küştçüsi bilen duşupdy. Ony oba küşt oýnamaga çagyrypdy. Olam çakylygy kabul edip, özüniň tiz wagtdan barjagyny aýdypdy. Ýöne şol töwereklerde ýaýran gürrüňlere görä, ol Hakdan içenmiş, üç ýaşyndan bäri şol sungatyň ussadymyş. Soňky döwürde hiç utan ýokmuş. Garaz, öwginiň ýzy çişirilip, ony dünýäde taýsyz edip goýdular.

Obanyň belli küştçüleri köpigörenem bolsa, bu gürrüňler olaryň mazasyny gaçyrdy. Günde baglygyň aşagynda oýna ýygnanyp, meşhur gumly küştçiniň gelerine taýýarlyk görüp başladylar. Ýöne bu habaryň örüsi giňäp, töwerekdäki obalara-da ýaýrasa-da, gelmeli küştçüden welin habar ýokdy. Ýogsa beýleki obalaryň özüne göwni ýetýän küştçülerem gelip, obanyň bu şowhunly garaşmasyna öz goşantlaryny goşupdylar.

Wagt bolsa geçip dur. Ol habardan soň dört aý geçdi. Howa salkynlap, güýzem geldi. Galan kişi bu habary ýatdan çykaran ýaly bolup gezip ýörse-de, Mämmedaman mugallymyň welin ýadyndan çykanokdy. Sapa söwdagäri gören wagty:

— Gelmeze ýolugan küştçiň haçan gelýär-how?! Ýa-da oba barada eşidip, gorkujyna öýündenem çykanokmy? Gideňde gorkma diý. Biz üstüne barmarys, gelse welin küşt oýnunyň nähili oýnalýanyny öwrederis! — diýip, onuň gaharyny getirerdi. Olam gyjyrdap:

— Seniň küşt tagtaňy goltugyňa gysdyrjak küştçini özüm getirip öňüňde oturdaryn! — diýipdi.

Bu küştli habary hasam odukdyrmak üçin obanyň gurply adamlarynyň biri oglunyň öýerende ýörite küşt ýaryşyny gurnady. Ol birinji ýere bäş, ikinji ýere dört, üçünji ýere üç müň manat baýrak goýup, beýleki ýer alanlara-da baýraklar goýdy. Bu habaram tutuş etraba ýaýratdylar. «Özüne göwni ýetýän gelibermeli!» diýip, Sapa söwdagärede ýörite duýdurdylar. Olam ýylgyrdy-da:

— Size entäk hakyky oýunçyny görkezerin! — diýip hüňürdäp galdy.

Toý günem ýetip geldi. Küşt oýnalýan ýerem üýtgetmän, yrym edip, obanyň küştçülerine haýyrly bolan şol baglygyň aşagynda geçirmeli etdiler. Obanyň küştçüleri ýygnanyp, kim kim bilen oýnamaly, bije çekip, taýýarlyk görüp başladylar. Bular başlajak bolup durkalar «gür» edip, deňelerine «JIP» ulagy durdy-da, bir ýaş oglany düşürdi. Bu gelen Sapady. Ol duranlara:

— Salawmaleýkim! Meň myhmanymam kabul ediň — diýip, ýylgyrdy-da gidiberdi. Ol ýöne ýylgyranam bolsa, şol ýerdäki adamlara ýaňsylaýjy täsir etdi. Onuň özi göz edip durman: «Hany, oýnuňyz bolsa görkeziň» diýýän ýalydy. Duran adamlaryň ýüzleri bir agaryp, bir gyzardy. Birhili dartgynly ýagdaý emele geldi. Adamlarda «Gelen myhmany bijä salmalymy ýa-da göni oýna başlatmalymy?» diýip pikir döredi. Ýöne bu soragyň özi ses-üýnsüz çözüldi duruberdi. Meret aganyň öňi boşady-da, gelen myhmanyň öz-özünden öňi açyldy. Ýaş oglan salam berdi-de, ýaşuly küştçiniň öňünde ornaşdy. Oglany synlaýan oba adamlary: «Oglanjyk eken-ä. «Akyl ýaşda bolmaz, başda bolar» diýleni-dä. Özün-ä göwnä ýetýän eken. Asyl göni Meret aganyň garşysyna geçişini görýäňmi?!» diýip, oglany boýdan-başa gözden geçirdiler. Öňlerinde ak köýnekli, gara balakly, başy gaşly papakly, garaýagyzrak, şeýle bir görmegeý bolmadyk ýaş oglan otyrdy. Ýöne onuň özüne bolan ynamy daşyndan bildirip durdy. Oglan eglenmän, ak çöpleri düzdi-de, perziniň öňündäki pyýadany iki öý öňe sürdi. Onuň niýeti perziniň öňüni açyp, gerek ýerinde ony çalt hüjüme geçirmekdi. Bu dünýä belli küştçüleriň ulanýan usulydy.

Oba eýýäm gumly küştçiniň geldi habary ýaýrapdy. Oba adamlarynyň köpüsi bu oýnuň janköýeridi. Şonuň üçinem birinji oýun gutarýança, baglygyň aşagy adamdan doldy. Her kim baýraklaryň obadan gidenini islemeýärdi. Olar obalarynyň adynyň hakyky eýesi bolmak isleýärdiler. Ýöne birinji oýunda oglanyň utmagy adamlaryň içinde birhili ynjy emele getirdi. Hiç kimden ses çykmady. Olar Meret aganyň oýnaýyş usulyny ýatlaryndan çykaran ýalydy. Ol birinji oýunda garşydaşyny öwrenmegi maksat edinýärdi. Hatda bagda oturan guşlaram bu bolşa dymdylar. Ýöne ikinji oýunda Meret aganyň utmagy adamlara rahatlyk berdi. Olar uludan bir demlerini alyp, tutuş bir adam ýaly oýna berildiler. Üçünji oýunda-da Meret aga mallary çalt ulanyşyga saldy-da, goranyşyny berkitdi. Ol syrly ýylgyrdy-da dünýä belli küştçüleriniň oýnaýyş usullaryndan habarynyň bardygyny ýaş oýunça görkezdi. Ýaş oglan bu gezegem nähili utulanyny bilmän galdy. Muňa adamlar şeýle bir şatlandy welin, bir-birleriniň ellerini gysyp, bir-birlerini gujaklanlaryny bilmän galdylar. Myhman ýigit ýerinden turup ýöremekçi boldy welin:

— Meret aga, sen küşdi ýene bir düzsene! — diýip, gapdaldan ses eşidildi. Oturan-u duran adamlaryň bary ses gelen tarapa seretdi. Adamlaryň öňünde epeý bir ýaşuly durdy. Onuň ak nurana ýüzi, ak sakgaly, ak ezýaka köýnegi, ak öwüsýän gök dony, gara çokaýyň üstünden geýlen sokma köwşi arassalygyndan ýaňa lowurdap durdy. Adamlar onuň ýüzüne seredip: «Bu kimkä?» diýip doňup galdylar. Ýene onuň ýakymly sesi adamlaryň ünsüni böldi:

— Salawmalekim, adamlar! Toýuňyz gutly bolsun!

Gelen myhman turan oglanyň ýerine geçdi-de:

— Meret aga, hal-ýagdaý gowumydyr? — diýip sorady. Meret aga-da gözüni küştden aýyrman oturşyna «Sen kim? Meni nireden tanaýaň?» diýip soramady-da:

— Ýagdaýam näme, bir mydar bar — diýip, çöplerini düzüşdirdi. Gelen myhman Toýly ussanyň ýüzüne garady-da:

— Toýly ussa, işler gowumy? — diýip, söz gatdy. Olam geň galyşyny bildirmezlik üçin:

— O jaýyň üçeginden o jaýyň üçegine böküp ýörüs — diýip, degşip jogap berdi. Myhman mallaryny göçüp oturyşyna:

— Mämmedaman mugallym, seň ýagdaýyň gowumy? Çagalar bilen sag-aman çörňeşip ýörsüňmi? —diýip sorady. Olam oýnuň gidişini synlap oturyşyna:

— Edenine şükür — diýip jogap berdi. Myhman oturanlaryň köpüsi bilen hal-ahwal soraşyp çykdy. Ol ikinji oýunda köpçülik bilen gelipdi. Bir çete geçip, oýnuň gidişini synlap oturypdy. Oýnuň gidişine »

gözi gapylan adamlar onuň özlerine goşulanynam, bir çetde oturanynam görmändiler.

— Bolýa. Ýagdaýlaryňyz gowy bolsa, sag-gurgun bolsaňyz, galan zadyň bir zady bolar — diýip, özüniň ýakymly sesi bilen adamlaryň dartgynlylygyny gowşatdy. Ýöne şonda-da adamlaryň gözi-gulagy myhmandady. Hatda ýokardaky guşlaram boýunlaryny süýndürip, ümsümligi bozman, bir üýtgeşikligiň boljagyna garaşýan ýalydylar. Ýöne uzak garaşdyrman ýaňlanan «Küşt!» sözi oturanlary tisgindirdi. Boýnuny süýndürip oturan guşlaram olaryň hereketine tas arkan gaçypdylar. Oýny şeýle yzarlaýanam bolsalar, oýnuň kulminasiýon nokadyny hiç kim duýmandy. Ýaşuly myhmanyň söz oýnadyp oturmagy ýönelige däl eken. Ol tutuş oturanlaryň aňyna hüjüm edip, pikirlerini bulaşdyrypdyr. Indiki oýunda hiç kim ünsüni bölmese gerek. Ýöne ikinji oýunda ýaşulynyň uzak dymmagy aňlary hasam bulaşdyrdy. Meret aga ikinji oýunda-da myhmany çözüp bilmän, hyrçyny dişläp galdy. Şeýle bir dymyşlyk emele geldi welin ýürekleri ezip barýardy. Ýöne myhmanyň özi dillenmän durup bilmedi. Bir ardynjyrady-da:

— Adamlar! Meret aga, Mämmedaman mugallym, gowy iş edýäňiz. Çagalary gowy ugra gönükdirýäňiz. Bu gadymy sungatyň halkyň arasynda ösmeginde siziňem paýyňyz bar. Men obaňyz barada-da, siz barada-da eşitdim. Siz ussatlygyňyzdan habarym bar. Şonuň üçinem siz bilen duşuşmagy çynym bilen arzuw edip ýördüm. Ýöne nesibe şu günemiş. Men baýrakly oýnuňyza goşuljak däl. Edenine şükür, meniň baýlygym ýetik. Gaýtam ýene üstüne ýene şonça baýrak goýjak. Dowam ediberiň — diýip ýerinden turdy.Şol wagtam «gür» etdi-de deňelerinde «JIP» ulagy saklandy. Sapa getiren myhmanyny almaga gelipdi. Ol ümsümligi görüp, hasyrdap ulagdan düşdi-de, çalt-çalt ýöräp oturanlaryň ýanyna geldi. Ortadaky myhmany görüp, ýüzi açylyp gitdi.

— Salawmalikim, Aşyr aga! Geldiňmi ahyry. Biz saňa kän garaşdyk. Menem ýalançy bolmajak bolup, şäherden şu oglany getirdim. Bu ýigidem geljegine umyt baglanýan oýunçy, özem şäheriň birinjisi — diýip seslendi. Adamlaryň aňynda öz-özünden jogap emele geldi duruberdi. Öňlerinde duran ýaşuly şol garaşylýan gumdan gelmeli küştçüdi.

**Merdan ÇARYMUHAMMEDOW.**



# 10 GÜN GALDY...




Garaňky gatlyşyp, hemme kişi öz otagyna çekilensoň, baryp senenamanyň ýene bir gününiň gutarandygynyň şanyna kiçijik bellik etdim. Indi okuwyň gujagyny giňden açyp, bizi ýagny, «okuwçy» diýip atlandyrylan kiçijik, has dogrusy, «özümizden kiçilere görelde bolmaly ullakan» ýetginjekleri garşylamagyna hem-de täze okuw ýylynyň başlanmagyna şu setirleriň ýazylýan wagty diňeje 10 gün galypdy. 10 gün... Köp kişi üçin nähili uzak wagt. Aslynda, 240 sagady, 14 müň 400 minudy, 864 müň sekundy göz öňüne getirsek, hakykatdanam, az wagt hasaplamasaň-da boljak. Emma 10 günem gözüňi açyp ýumýançaň eýýäm geçip gidýär. Indi mekdepde okap başlamaly alty ýaşlyja çagalardan başlap, ene-atalara çenli hemme kişi okuw ýylynyň başlajakdygyna begenýärdi hem-de sabyrsyzlyk bilen 1-nji sentýabryň, has dogrusy, bu ýyl üçin 2-nji sentýabryň gelmegine garaşýardy.

Joralarym, daş-töweregimizdäki goňşy çagajyklaryň hemmesi okuwyň başlanmagyna sabyrsyzlyk bilen garaşýardy. Dogrusy, olardaky döräň bu okuw höwesleriniň esasy sebäpkärleri täze egin-eşikleri hem-de okuw esbaplarydy. Kimiň täzeje eginbaş geýip, arassaja okuw esbaplaryny alyp, ýalpyldap duran garaja aýakgaby bilen öz okuwçylaryna görelde bolasy gelenok?! Elbetde, hemme kişiniň görelde bolasy gelýär. Emma goňşymyzyň ogly Bakyjyk bu sanawa goşulanok. Sebäbi onuň çyndanam bular bilen gyzyklanman, okuwa gidesiniň gelmeýändigini, çagalar bagyna gitmek isleýändigini ejesine aýdýandygyny diňe meniň özüm 5-6 gezek eşidendirin. Bu kiçijik «melgunjygyň» boýjagazyna garamazdan, öz diýenini gögertmäge nähili ökdedigini gaty gowy bilýärdim. Ýöne soň görüp otursam, kakasynyň doglan gününe welosiped, özem ýöne-möne däl, iki tigirli welosiped alyp berjekdigini aýtmagy bilen dawa aňryýany bilen çözüldi. Görşüňiz ýaly, bu kiçijik «melgunjyk» şertnama baglanyşyp biljek derejede uly, hem-de sözünde durup biljek derejede mertdi. Emma iki tigirli welosiped sürmäge gelende welin, onuň «uludygy» barada içimde şübhe döreýärdi.

Hawa, garaz, daş-töweregim höwes hem-de arzuwdan şeýle püre-pür wagty men näme pikir etjegimi bilmeýärdim. Aslynda, täze okuw ýylynyň başlanmagy, täze sapaklar, täze mugallymlar, okuwçylar bilen sapak geçmek, üýtgeşmeler hem-de öňküligine galan zatlar, ählisi meni höweslendirýärdi we okuw ýylynyň başlanmagyny arzuwlaýardym. Ýöne, bir tarapdan, bu 10 günden soňra mekdepde geçirjek soňky ýyllarymyzyň hem ujundan gädip ugrajakdyk we soňra asla yzymyza dolanyp biljek däldik. Mekdep biziň durmuşymyzyň gowy bolmagy üçin «elinden gelenini» etdi. Ilki bize iň gowy dostlary — kitaplary berdi. Soň ikinji bir ene-atany, ýagny mugallymlarymyzy berdi, soňra bolsa okuwçylarymyzy. Soňra-da dostlarymyz bolan kitaplarymyz bilenem, okuwçylarymyz bilenem gatnaşygymyz dowam eder. Şeýle-de, mugallymlarymyz bilenem. Ýöne şol wagt mekdep bolmaz. Elimize gerekli bolan zatlary gowşuransoň, iberer bizi soňsuza çenli. Ýöne bizden soramazlar «Gidesiňiz gelýärmi?» diýip. Belki-de, edil şol sebäpden mekdepden daşlaşmazlyk üçin mugallymçylygy saýlandyryn. Ýene bir tarapdanam, mekdep bolmasady, biz şu günlere gelmezdik. Menem bu gün mekdep hakda pikirlenip, pikir ummanynda gark bolmazdym hem-de arzuw etmezdim...

Mugallym bolup, kiçijik çagalaryň ýoluny ýagtyltmak üçin elimden gelenini edip, olary terbiýelemegiň, öwretmekdenem köp olardan öwrenmegiň arzuwyny etmezdim. Sebäbi arzuwlar bilen olary çyn durmuşa geçirmegiň arasyndaky şol inçe ýoldan ýöremegi maňa diňe mekdep hem-de kitaplar öwretdi. Çagalardan öwrenmek meselesi barada aýtsam, aslynda, gülmegi hem çagalar döretmedimi? Ulular bolsa ony «Gyzyl kitaba» girizip, goralmaly derejede ýok bolmak howpuna sezewar etdi. Uly adamlar çaga ýaly çyn ýürekden gülmegem başaranoklar. Pikirlerime şeýle bir çümüpdirin welin, gijäniň ýary bolup gidipdir. Ýatmak üçin ýerime geçdim. Gözümi ýumjak bolanymam şoldy welin , el telefonymdaky sagada gözüm düşdi: 00:02. 9 gün. Içimden pikirlendim: ýene 9 gün... Diňeje 9 gün...

Ýüzümde peýda bolan ullakan bir ýylgyryş bilen süýji uka çümüp barýan wagtym ýeke-täk pikirim şol boldy. «Ýok, okuw biz bilen hiç haçan hoşlaşmaz, ol biziň kalbymyzda eýelän ýeri bilen bütin durmuşymyzda ýanymyzda bolar. Üstesine-de, entek öňümizde 4 ýyl bar. 4 ýyl bolsa 1461 gün, 35040 sagat, 2 102 400 minut hem-de 126 144 000 sekunt diýmek.

**Züleýha ABDYÝEWA,**
**Balkanabat şäheriniň Gumdag şäherçesiniň 28-nji orta mekdebiniň okuwçysy.**

# DÖREDIJILIK DÜNÝÄSI

## SÖÝ MENI...

Söý meni asmanyň melegi bolup,
Sen söýseň galaryn bir gez belende.
Seniň üçin gyzyl gülleri ýolup,
Sowgat bererin men seýle geleňde.

Söý meni dessanyň Leýlisi bolup,
Seniň üçin menem Mejnun bolaryn.
Owadan keşbiňi şygryma salyp,
Waspyňy taryplap, ýazyp bilerin.

Söý meni gijeki düýşlerde galyp,
Düýşleriň syryna aşyk bolaly.
Söýgi aýdymlarnyň sazyny çalyp,
Hak aşyklar deýin dünýä dolaly.

Söý meni kalbymyň arzuwy bolup,
Kalbymyň töründe saňa orun bar.
Seň üçin söýgiňiň ak guwy bolup,
Uçup giderin men saňa sary, ýar!

**2018 ý.**

## YŞKYŇ MÄHRI

Seniň elleriňi gysan mahalym,
Süňňüme şeýlebir tok urup gidýär.
Şonda ýersiz-ýere gelýän gaharym,
Bir pursatda uçup, ýok bolup gidýär.

Güýç alýarkam ary eliňden tutup,
Agaç salyp, aýryp bilmez hiç kimem.
Yşkyňy kirpikmen gözleňde duýup,
Söýgi diýip men bar zatdan geçdimem.

«Mende, asyl, tok neýlesin?!» diýme sen,
Gel, diňle, ýüregmiň batly urşuny.
Meniň galpyldymy elläp duýmasaň
Bilmersiňem, seni çaksyz söýşümi.

**31.05.2023 ý.**

## ÖÝÜŇIZE GIDEN WAGTYŇ...

Sen gideňsoň, bialaç men ýerimden,
Esli salym galyp bilmän oturýan.
Zat gelmeýän bu pasmanda elimden,
Entek-entek tutmajagňa ökünýän.

Ir-ertirden bäri dişimiň kirem,
Açylman geçdi-le (sen ýok, neýläýin?!)
Bar taýýarlan naharlarmyň hiç birem
Seňkiçe ýok!
Boýun alyp söýläýin.

Nowha aýdymlara hiňlenip kem-kem,
Gaýgy-dertlerimden ýeňlejek boldum.
Ýyljak mähriň küýsäp, jenanym, her dem
Sowuk otagymda ýoňlajak boldum.

Saýlanardyň sertilleriň baryndan,
Türpeligňem, teý, taryplap doýmazdym.
Ygyp ýören pikirlermi aňymda,
Jemläp bilmän kösenşimem
duýmazmyň?!

Bu gije sen bolsaň diýen sözleriňi,
Hemem hemme ýazyklarňy öterdim.
Senem ukuda deý ýumup gözleriňi,
Sepirjigme başyň goýup ýatardyň.

**09.07.2023 ý.**

## MAŇA ŞÄHER DIÝMÄŇ...
### ýa-da şäherleşip barýan obanyň aýdan sözleri

Asfalt ýollar hiç maňzyma batanok,
Sebäp onda yz galmaýar aýakdan...

**G.EZIZOW**

Maňa şäher diýmäň barmak görkezip,
Olar ýaly ulug bolup başarman.
Maşynlaryň sesi bilen ürküzip,
Adamlaryň rahatlygny gaçyrman!

Ýoluma-da çagyl düşäp ýörmäň siz,
Asfalt ýerde galmaýar-a aýagyz.
Meniň bu aýdanmy gaty görmäň siz,
Duýup bilmen kimiň geçenlerni tiz.

Ýolyşygam goýmaň ýoluň çetinde,
Lökge az mekanda düzgün bozulmaz.
Aýyň nury barka,
gijäň içinde
Ýagty çyralaram gerek bolunmaz.

Oňa derek bolsun tenekar baglar,
Goý, doldurypdursun daş-töweregi,
Bolmasa-da mende ak başly daglar,
Baýyrlamdyr — şu goýnumyň bezegi!

Ýokdur seýilbagam aşyk-ýarlaryň,
Olar üçin samankepbe jennetdir.
Gökden uçar geçmez, emma gazlaryň
Uçuşyny synlamagam lezzetdir.

Gyş düşse, adatça, güllerim solar,
Onsoň bahar gelse ýene gülleýär.
Gijäni gündize öwrüb-ä bolar,
Ýöne oba şäher bolup bilmeýär!

**01.10.2023 ý.**
**Baýramberdi GELDIMYRADOW.**



# DREAMS

You are never too old to set another goal or to dream a new dream.
**C.S. Lewis**

I don't dream at night, I dream all day; I dream for a living.
**Steven Spielberg**

The future belongs to those who believe in the beauty of their dreams.
**Eleanor Roosevelt**

The whole life is a succession of dreams. My ambition is to be a conscious dreamer, that is all.
**Swami Vivekanada**

Ideologies separate us. Dreams and anguish bring us together.
**Eugene Ionesco**

Dreams are necessary to life.
**Anaïs Nin**

Yes: I am a dreamer. For a dreamer is one who can only find his way by moonlight, and his punishment is that he sees the dawn before the rest of the world.
**Oscar Wilde**

Dare to live the life you have dreamed for yourself. Go forward and make your dreams come true.
**Ralph Waldo Emerson**

At first dreams seem impossible, then improbable, then inevitable.
**Chris Reeve**

Don't be afraid of the space between your dreams and reality. If you can dream it, you can make it so.
**Belva Davis**

Great dreams of great dreamers are always transcended.
**Abdul Kalam**

Commitment leads to action. Action brings your dream closer.
**Marcia Wieder**

You see things and you say 'Why?' But I dream things that never were and I say 'Why not?'.
**George Bernard Shaw**

Champions aren't made in the gyms. Champions are made from something they have deep inside them –a desire, a dream and a vision.
**Muhammad Ali**

Stand often in the company of dreamers. They believe you can achieve impossible things.
**Mary Anne Radmacher**

**Prepared by Joshgun PUHANOW,**
**A student.**

# DAGLARYŇ BÜRGÜDI, SÄHRANYŇ GURDY

## JELALEDDIN HOREZMŞA HAKYNDA TARYHY ESASLY SÖHBET

**Öten agşam ýene düýşüme girdi,**
**Daglaryň bürgüdi, sähranyň gurdy.**
**Çary ÝEGENMYRADOW.**

◆ Käwagt-käwagt biz taryhy unudýarys. Emma taryhymy özüni unutdyrmaga goýjak?! Ol asla beýle geleňsizlige ýol bermez. Sebäbi ol diňe seniňki däl. Ol — halkyňky. Ol saňa özüni sazandanyň sazy, suratkeşiň suraty ýa heýkeltaraşyň heýkeli arkaly ýatladar durar. Ýogsam «Jelaleddin» poemamy ýazanymada eýýäm 23 ýyl geçäýen eken.

Döwran Agalyýew bilen Saragt Babaýewiň «Jelaleddin» heýkeli barasyndaky söhbedimizden soň, Çary Ýegenmyradyň goşgy setirleri hakykata öwrüldi: «Öten agşam ýene düýşüme girdi, daglaryň bürgüdi, sähranyň gurdy». Ýöne ýzy welin başgaça boldy. «Aýpalta çalymdaş owadan Aý» däl-de, Jelaleddin soltanyň merdana keşbi ýylgyryp durdy.

Poemamy ýazan günlerim ýadyma düşdi. Ol çaklaňja poema üç günüň dowamynda ýazyldy. «Edebiýat we sungat» gazetinde-de çap edildi. Dogrusy, poemanyň ýazylan üç gününiň dowamynda kimdir biri menden adymy soraýsa, ol: «Jelaleddin» diýen jogaby alaýmagy gaty mümkindi. Sebäbi men onuň dünýäsine, has takygy, ol meniň dünýäme siňňin ornaşypdyr.

Ynha, indi ýene-de şol ahwal. Ýene-de göwnüm, ruhum, meni taryha sary idenekledip ugrady. Nireden nirä diýýäňizmi?! Aşgabatdan Köneürgenje — Horezmşalaryň paýtagy bolan şo-ol gadymy Gürgenje. Soň-soňlar ony Ürgenç diýibem atlandyrypdyrlar. Hawa, bildiňiz, şo-ol hemişeki ýerlerden, meniň çagalygymyň geçen ýerlerinden. Il Arslanyň, Soltan Tekeşiň Gadymy Gürgençdäki kümmet binalarynyň ýanyndan. Sopy donuny sypyryp, Çingize garşy söweşip, sapan atan Nejmeddin Kubranyň aramgähiniň ýanyndan. Ýöne öz çagalygymda bolsa-da, men ol binalary gurlan döwürlerinden soň heňňamyň ençeme möwritiniň çaň-tozany siňeninden soň görüpdim. Jelaleddiniň gözleri welin ol binalary heniz beýle binalaryň başga ýerde ýok wagtlary, şugla saçyp duran wagtynda görendir. Jelaleddin öz pederleriniň dowamat dowamynyň ykbalyny heniz bilmedik wagtlary, dogrusy, bilen wagtlaram görendir. Mongollaryň turzan tupanyndan soňam ol ejizlemändi. Tupandan soňky tüweleý bolup köwsarlapdy.

Beýikligini dünýäniň boýnuna goýmagy başaran seljuk türkmenleriniň yzysüre, düýbi tutulan Horezmşalar döwleti Çingiz hanyň zarbasyna döz gelmedigem bolsa, taryhy ýadygärlikleri, ýatlamalary we Pilmahmyt ýaly gaýratyna dünýäde taý tapylmadyk, bir çetinden sanap ugrasaň sanawy gutarmajak ylym eýeleriniň ruhy welin mizemän saklanyp galypdyr.

Dogry, taryhyň örüsi giň. Ol üstünden ençeme asyr geçenligine seretmezden, inkär edilmesi mümkin bolmadyk wakalaryň guraksy sene ýazgysynyň, ýeňişlerdir ýeňlişleriň sanawlarynyň möçberinden aşa giňdir. Bu hut Jelaleddin soltanyň ykbaly bilen dahylly söhbetlerde-de hut şonuň ýalydyr.

Indi men bu gün taryhyň dumanlap duran ýyllaryna seredip, huşumda-da, düýşümde-de Jelaleddin dogrusynda pikire batýan. Asly Oguz handan gaýdýan Aýdan a:ry türkmeniň taryha siňen şöhraty bize gökdäki Güni ýatladýar. Gün Zeminden näçe alysda bolsa-da, onuň howry — bedenimize ýylylyk, ýagtylygy — kalbymyza nur.

Oguz peder bilen bagly gysgaça maglumatlary ýatlamak gerek. Halkymyzyň taryhy köküniň Oguz hana direýär. Nesilbaşymyzyň alty ogly bolup, üçüsini ynsan ýaşaýşy üçin derwaýys bolan Asmany zerurlyklaryň hormatyna — Gün, Aý, Ýyldyz, beýleki üçüsini hem ynsan ýaşaýşy üçin zerur bolan Zemini zerurlyklaryň hormatyna — Dag (toprak), Gök (gök ýalyn, o:t), Deňiz (suw) diýip atlandyrypdyr. Oglanlaryny ýaý we ýaý oky bilen bagly rowaýatlardan bilşimiz ýaly, üç üçden iki topara bölüpdir. Uly ogullaryna ýaý berip, (bozulýan, sökülip gurnalýan ýaý manysynda) «bozuklar» diýip atlandyrypdyr. Kiçi üç ogluna bolsa, üç sany ýaý okuny berip, «üçoklar» diýip atlandyrypdyr. Ondan soň häkimligiň, hökümdarlygynyň uly ogullaryna «bozuklara» degişlidigini aýdypdyr. «Üçoklara» bolsa ýerine ýetirijilerdigini aýdypdyr.

«Oguz» sözi taryhyň dürli döwürlerinde dürli halklaryň dilinde (orfoepiýasynda) dürlüçe aýdylypdyr. Ynha, olar: «Oguz» sözüniň birinji harpy başlangyç O (nol – başlangyç) hökmünde göz öňüne getirilse, başlangyçdan O-dan gaýdýan «guz» sözüniň dürli dillerdäki orfoepiýasynyň, ýagny aýdylyş äheňiniň netijesinde, gu:r, gu:n, go:r, hu:n, hor, tür, tu:r, sun, hwalin, hwalis, u:z, yz ýaly görnüşlere eýe bolandygyny öňki makalalarymyň birinde ýazypdym. Şeýlelikde, halkymyzyň dürli dillerde we dürli döwürlerde dürlüçe atlandyrylyşy, ýazylyşy esasynda onuň başga-başga halkyň ady hökmünde göz öňüne getirilen we kabul edilen pursatlary-da az bolmandyr.

Dünýäde 70-den gowrak döwleti, nesilşalyklary (dinastiýalary) esaslandyran halkymyzyň taryhyndan käbir maglumatlara ýüzleneliň. Gaznaly soltanlygyny dabaralandyran Söbükteginiň we onuň ogly Mahmyt Gaznalynyň şejeresi Oguz hanyň Gün oglundan bolan Gaýa agtygyna direýär. Dabarasy dünýä dolan Seljuk türkmen hökümdarlygy öz aslyny «Üçoklardan» Deňiz hanyň Kynyk ogluna direýär.

Eýsem, Seljuk hökümdarlyklaryndan soň dabarasy äleme dolan, taryha Jelaleddin ýaly mertebe eýesini sowgat beren, Anuşteginlerden gözbaş alan Horezmşalar hökümdarlygy kimlerkä?! Bu barada Gahryman Arkadagymyzy diňläliň. Gahryman Arkadagymyz «Türkmenistan — Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserinde: «Daşoguz welaýatynyň häzirki çäkleri gadymyýetde Horezm diýlip atlandyrylypdyr. Amyderýanyň aşak akymlarynda ýerleşen, ýaýylyp ýatan çölli, sähraly Horezm topragynyň ýeke daban ýeri hem işlenilmän galdyrylmandyr. Horezm topragy ekinzarlyk bilen gül öwsüpdir. Bu ýeriniň topragynda zeý suwlarynyň esli möçberiniň bardygyna garamazdan, Amyderýanyň kenaryndaky hem-de onuň Sarygamyş töweregindäki ähli ýerlerinde, geçmişdäki syýahatçylaryň aýtmaklaryna görä, obalar gür oturyp, olaryň aralyklaryny ekin meýdanlary eýeläpdir. XI asyrda ýaşap geçen, seljuklaryň Horezmdäki dikmesi Anuştegin Gu:r şanyň esaslandyran uly bolmadyk oguz-türkmen döwleti asyrlar aşyp, Orta Gündogarda kuwwatly uly döwlete öwrüldi. Anuşteginiň nebereleri Beýik Horezmşalary diýlip atlandyrylmaga başlanyldy, olaryň paýtagty bolsa gadymy Gürgenç (häzirki Köneürgenç şäheri) boldy. Horezme mongol ýörişleriniň öňýanynda gelip gören Ýakut al-Hamawy: «Horezm ýaly gülläp ösýän ýeri dünýäniň hiç bir ýerinde görmedim» diýip belleýär.

### Anuştegin Gu:ruň ýedinji arkasy Jelaleddin soltanyň aza:n ady Menguberdidir

Jelaleddin soltanyň mürzesi, gözli şaýat bolan wakalary esasynda onuň ömürbeýany baradaky kitaby nesillere miras goýan Muhammet Nusaýly: «Taryhçylaryň her biriniň baş maksady öz döwrüniň taryhyny ýoýman gürrüň bermekdir» diýýär. Gürrüňini edýän taryhy şahsyýetimiz şol döwrüň we onuň yz ýanlaryndaky döwrüň taryhy çeşmelerinde şeýle atlandyrylýar — Jelaleddin ibn Horezmşah soltan Alaeddin Abulfeth Muhammet, ibn Tekeş ibn Il Arslan ibn Atsyz ibn Muhammet ibn Anuştegin. Aslynda, onuň hakyky azan ady Menguberdi bolup, Jelaleddin onuň diniň beýigi düşünjesini aňladýan lakamydyr.

**(Dowamy bar)**

**Aşyrmät GARLY.**

# GÜN URMASYNDAN GORANYŇ!

◆ Gün urmasy — bu aşa yssy günlerde Günüň göni şöhleleriniň adamyň kellesine uzak wagtlap eden täsiri netijesinde kelle-beýnä zeper ýetmegi bilen ýüze çykýan ýagdaý. Ol daşarda, deňizde, açyk meýdanda saýawansyz we başgapsyz Günüň aşagynda uzak wagtlap bolnanda ýüze çykyp biler. Gyzgyn howada beden suwuklygy aşa köp bölüp çykarmak arkaly derlemek bilen goralýar. Ýöne derlemek bilen bedenden gerekli maddalar we suwuklyk çykarylýar. Bu bolsa, öz gezeginde, bedeniň gyzgynlygynyň ýokarlanmagyna getirýär. Şol sebäpden, tomsuna pasla görä açyk reňkli nah matadan tikilen egin-eşikleri, başgaplary geýmek we ýanyňda ýeterlik mukdarda arassa agyz suwunyň bolmagyny üpjün etmek maslahat berilýär.

Gün urmasynyň alamatlaryna ýürek bulanma, kellagyry, baş aýlanma, umumy gowşaklyk, aşa ukuçyllyk, ysgynsyzlyk, ýüzüň gyzarmagy, bedeniň gyzgynynyň ýokarlanmagy, gulak şaňlamasy, gözüň garaňkyramagy, dem alşyň we ýürek urşunyň çaltlaşmagy, deriniň Güne ýanmagy, çaşmak we tutgaý alamatlary degişlidir. Deňze gidýänlere Günüň şöhlesiniň ýere göni düşýän wagty, ýagny günortan howanyň aşa gyzýan wagty deňizde suwa düşmezlik, baş örtüksiz daşary çykmazlyk maslahat berilýär. Deňze suwa düşmäge gideniňizde, egniňize pagta eşikleri geýmeli, daşary başgaply çykmaly, daşarda bolan wagtyň arassa suwdan köpräk içmelidir.

Gün urmasyndan ejir çekene her kimiň ilkinji edip biläýjek kömegi: ejir çekeni gyzgyn ýerden salkyn ýere geçirmeli. Onuň dar egin-eşiklerini gowşatmaly, iliklerini ýazdyrmaly we sintetik eşiklerini çykarmaly, salkyn çygly mata bilen ejir çekeniň maňlaýyny, döşüni we boýnuny süpürmeli, oňa köp mukdarda arassa agyz suwuny, miwe şirelerini, gaýnatmalaryny, gök çaýy mylaýym görnüşinde içirmeli. Agyr ýagdaý ýüze çykanda, haýal etmän, «Tiz kömek» gullugyna ýüz tutmaly.

**Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrliginiň Saglygy goraýşyň habarlar merkezi.**



# КОМУ ОСОБЕННО ПОЛЕЗНО ЕСТЬ ДЫНЮ,

## РАССКАЗАЛИ УЧЁНЫЕ

◆ Учёные рассказали о полезных свойствах дыни, и кому стоит включить её в рацион. Дыня богата витаминами A, B и C, содержит магний, кремний и клетчатку, которая способствует выведению холестерина из организма.

Бытует мнение, что дыня помогает снизить артериальное давление. Однако врачи предупреждают, что ни один продукт не сможет нормализовать повышенное давление. В такой ситуации необходимо медикаментозное лечение, назначенное специалистом.

Однако для профилактики гипертонии дыню стоит включить в рацион. Только в одной четверти этого плода содержится около 20% от рекомендованной суточной нормы калия по стандартам FDA (Управления по санитарному надзору за качеством пищевых продуктов и медикаментов США). Известно, что калий полезен для сердечно-сосудистой системы, а в сочетании с магнием он способствует расслаблению стенок артерий и предотвращает спазмы.

**www.livekuban.ru**




**Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Bedenterbiýe we sport baradaky döwlet komiteti**

**«7/24.tm» — «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň hepdelik elektron goşundysy.**

**Salgysy: Aşgabat, Saparmyrat Türkmenbaşy şaýoly, 54.**

**Telefon: +99312 22-81-38**
**Faks: +99312 22-77-03**
**e-mail: turkmenistansport@sanly.tm**

**A-114624**

**Žurnaly elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» internet sahypasyndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.**

**Hojaberdi Apbaýewiň ýolbaşçylygyndaky «Türkmenistan Sport» halkara žurnalynyň döredijilik topary tarapyndan taýýarlanyldy.**

**1-nji sahabyň bezegini ýerine ýetiren Abdyrahman ROWŞENOW.**

# ÇÄGE HEÝKELTARAŞLYGY —

## GEŇ-AJAÝYP SUNGAT HAKYNDA SÖHBET



◆ Çäganiň we suwuň bol ýeri bolan deňiz kenarlarynda palçykdan kiçijik binalary, köplenç galajyklary ýasap oturan çagalaryň şadyýan keşbi sapaly tomus paslynyň eşretli günlerine aýratyn bezeg berýär. Körpeler üçin gyzykly bu gysga wagtlyk güýmenje häzirki döwürde örän giňden rowaçlanyp, hakyky sungat derejesine göterilen çäge heýkeltaraşlygynyň gözbaşy bolup durýar.

Çägeden döreýän çeper sungat gitdigiçe bimöçber mümkinçiliklere we meşhurlyga eýe bolýar. Her ýyl dünýäniň dürli künjeklerinde çäge heýkeltaraşlarynyň arasynda ýüzlerçe bäsleşikler geçirilýär. Islendik meseläniň ýa-da islendik wakanyň beýany bolan ençeme tonnalyk bir çäge heýkel köpçüligiň ünsüni özüne çekip, eminleriň ykraryny gazanyp bilse, ony döreden ussada meşhurlyk, uly dereje we ummasyz pul baýragy miýesser edýär. ABŞ-nyň Florida ştatynyň Fort-Maýers syýahatçylyk merkezinde her ýyl noýabrda geçirilýän şeýle bäsleşige gatnaşýan onlarça halypa ussatlaryň bäsleşigine syn etmäge, adatça, 100 müň töweregi tomaşaçy ýygnanýar. Köplenç bäsleşikleriň düzgünine görä, oňa heýkeltaraşyň ýa ýeke özi bolup, ýa dostlar bolup, ýa-da maşgala bolup (belki çagalary hem bilen) gatnaşyp bilýär we bu toparlaryň hersiniň ýeňijileri aýratylykda kesgitlenýär. Bäsleşige gatnaşyjylaryň hemmesine şol bir möhlet, belli bir mukdarda bölek ýer we çäge berilýär. Ýer we çäge jübütlere iki esse köp berilýär (meselem, ýekebara gatnaşyjylara 10 tonna, jübütlere 20 tonna çäge berilýär).

Bu sungatyň bir gyzykly aýratynlygy — tomaşaçylar sungat eseriniň döreýşini edil golaýynda durup synlap bilýärler. Emma kemter tarapy — bu heýkelleriň ömri gaty gitse birnäçe aýdan uzak bolmaýanlygy. Şol döwrüň içinde olar Güne gurap, ýele pytrap, ýene ürgün çäga öwrülip gidýärler. Heýkelleriň esli wagtlap durmagy üçin olaryň ýüzüne kagyz ýa-da agaç ýeliminiň ergini pürkülýär. Has güýçli berkidiji maddalaryň kömegi bilen bu eserleriň ömrüni hasam uzaldyp bolýar, emma köplenç bäsleşiklerde olary ulanmaga rugsat berilmeýär.

Eýsem kenarlardaky aýak astynda tozap ýatan çägeden nädip kesip-taraşlap heýkel ýasap bolar?! Çäge heýkeltaraşlygy üçin ownuk togalak zerreli arassa ürgün çäge däl-de, düzüminde gyrmança, toýun, şepbeşik maddalar bolan biraz garyndyly çäge zerur, emma çägäniň daş, çagyl, çaňňalak, suwoty... ýaly del zatlardan arassa bolmagy hökmandyr. Onsoňam heýkel ýasaljak çägäniň suw bilen oňat garylyp, ýugrulmagy we demrikdirilmegi gerek. Munuň üçin köplenç bedre ýa-da guty şekilli galyplarda suw bilen eýlenip demrikdirilen palçyk harsaňlaryny heýkel ýasaljak ýerde biri-biriniň üstüne mündärläp ýerleşdirýärler we şol wagtyň özünde-de olary ýene-de suw bilen eýläp, tokmaklap ýa-da depgiläp, ahyr netijede bir bitewi çäge gaýasyna öwürýärler. Onsoň eýi ýetirilip, şeýle çäge gaýasy ylla diýersiň, Ýeriň dartyş güýjüne boýun egmeýän ýaly durnuklylyga eýe bolýar: ondan aşagyna köwekler salynsa-da, ýykylman durýan iňňän beýik, dim-dik heýkelleri kesip ýasabam, onuň ýüzüne iňňän nepis keşdeleri salybam bolýar.

Elbetde, munuň üçin hemme ugurda bolşy ýaly işiň binýadyny berkden, ygtybarly tutmak gerek. Taýýarlanan çäge gaýasyndaky suwy kemter, gurak bolan, eýi ýetmedik ýa-da hapa-supa garyşan ýerler tutuş eseriň zaýalanyp, ussadyň zähmetiniň ýrýa gitmegine sebäp bolup bilýär. Şonuň üçinem ullakan heýkelleri dörедýän ussatlar bu taýýarlyk işlerine kömekçileri çekýärler: eser döretmek üçin bölünip berlen ýerdäki ençeme awtoulagynyň ýüki bolan tonnalarça çägelerden palçyk harsaňlaryny taýýarlamak, olary örüp, garyp demrikdirmek heýkeltaraşyň bir özüne kyn bolýar.

Heýkel taraşlamak işine çäge gaýasynyň iň ýokary nokadyndan başlap, aşaklygyna gidýärler. Ulanylýan gurallar örän dürli bolup, bu meseläni her kim özüçe amal edýär. Heýkeliň ilkinji sudury döredilende köplenç pildir kätmen, soň dyrmyk, laý kepçesi, gilmala, syrtmak şekilli we gaýry gazawaçlar, sübse ýaly gurallar ulanylýar. Has soňra bolsa iň inçe, nepis işler üçin kiçijik pyçaklar, pilçejikler, çotgajyklar işe girizilýär. Aşhana abzallaryny hem (meselem, torty bezemek üçin ulanylýan), beýleki kär-hünärlere dahylly bolup, heýkeltaraşlaryň meýline görä şekili we ulanylyşy üýtgedilen başga-da köpdürli gurallary hem bu ýerde görmek bolýar.

1897-nji ýylda Filip Makkordyň çägeden döredilen çeper şekili çäge heýkeltaraşlygynyň ilkinji eseri hasaplanylýar. Ol deňiz tolkunlary tarapyndan kenara çykarylan gujagy bäbekli merhum enäni suratlandyrýardy. Bu eserden täsirlenen märekäniň alkyşy hökmünde Filip Makkordyň ýerde ýatan papagyna birnäçe şaýylyk düşdi. Şeýlelikde, ony bu pişeden ilki bolup çörek gazanan adam, çäge heýkeltaraşlygy boýunça ilkinji hünärmen hasaplamak bolar. Soňra hem ençeme wagtlap deňiz boýlarynda dynç alýan mähelläniň oduk-buduk göwnünden çykaranynyň hasabyna gününi aýlaýan zehinli, jepakeş ýigitler çägelik kenarlary ajaýyp heýkeller bilen bezemek bilen gitdigiçä kämilleşýän sungaty miras goýdular.

Atsyz-sorsuz geçen ol suratkeşlerden tapawutlylykda çägeden heýkel döretmekde ezberlige ýeten şindiki ussatlar bu hünärden özleriniň rysgalyny gazanýarlar, abraýdöwlet tapýarlar, şol bir wagtyň özünde-de bu ugurdan geçirilýän dürli çärelere gatnaşmak üçin dünýäniň dürli künjeklerinde syýahatda bolup, iň ajaýyp syýahatçylyk merkezlerinde, şypaly deňiz kenarlarynda işjeň we sagdyn ömür geçirýärler. Öz sungat eserlerinde olar adamzadyň ruhy gymmatlyklaryny, dünýä taryhynyň, edebiýatynyň we sungatynyň meşhur çeper keşplerini, jemgyýetiň ynsanperwerlik, parahatçylyk, ekologiki howpsuzlyk ýaly derwaýys meselelerini öňe sürýärler.

Öňki ýangyn howpsuzlyk gullugynyň işgäri Jon Goudini häzirki wagtda bu sungatyň iň ägirt ussatlaryň biri hasaplamak bolar. Ýekelikde hem, özi ýaly heýkeltaraş aýaly Lora bilen jübütlikde hem sebit we halkara çempionlyk ýaryşlarynyň ençeme gezek ýeňijisi bolan Jon Goudi çäge heýkeltaraşlygy sungatynyň dünýä belli wagyzçysy we bu sungata höwes edýänleriň at-abraýly halypasy bolup durýar.

**Gurt ÜÝŞMEKOW,**
**Türkmenistanyň Kärdeşler arkalaşyklarynyň Türkmenbaşy şäher birleşmesiniň tehniki gözegçisi.**



# СПОРТИВНЫЙ КАЛЕЙДОСКОП

### «БЕРДЫЕВ ПЫТАЛСЯ ПРИВИВАТЬ ФУТБОЛИСТАМ МАХАЧКАЛИНСКОГО «ДИНАМО» ФИЛОСОФИЮ «БРАЙТОНА» ДЕ ДЗЕРБИ»

◆ Бывший главный тренер махачкалинского «Динамо» Курбан Бердыев пытался прививать футболистам дагестанской команды философию итальянского специалиста Роберто Де Дзерби и приводил игрокам в пример английский «Брайтон» под его руководством, заявил в интервью «Матч ТВ» защитник динамовцев Александр Сандрачук.

Бердыев был назначен главным тренером махачкалинского «Динамо» в июле прошлого года. В начале февраля он покинул пост по обоюдному согласию сторон. Впоследствии Бердыев вернулся в клуб в должности советника президента, а в июне ушел из «Динамо».

**— Действительно ли команда еще при Курбане Бердыеве начала перестраиваться на атакующую модель игры?**

— Да, это так. Многие говорили, когда Бердыев пришел, что это тренер под оборонительный футбол. Но Курбан Бекиевич с первого дня заявил, что хочет видеть от нас комбинационную игру. Приводил нам в пример «Брайтон» Роберто Де Дзерби. Мы в принципе сразу стремились к футболу, адаптированному под современные реалии.

**— Не первый раз слышу, что Бердыев пристально наблюдает за работой Де Дзерби.**

— Ну да, считаю, он разделяет его философию. Нам он пытался прививать то же самое, — сказал Сандрачук «Матч ТВ».

### В БАСКЕТБОЛЕ РЕАЛИЗОВАЛИ ПЕРВЫЙ В ИСТОРИИ ЧЕТЫРЕХОЧКОВЫЙ БРОСОК

◆ Первый в истории четырехочковый бросок был реализован в профессиональном баскетболе. Об этом сообщает РБК.

Событие произошло в матче Филиппинской баскетбольной ассоциации (PBA) между командами «Мералко Болтс» и «Магнолия Хотшотс». Результативную попытку на свой счет записал американский баскетболист «Болтс» Крис Банкеро.

Этот бросок помог команде защитника из США одержать победу. Игра завершилась со счетом 99:94 в пользу «Мералко».

PBA первой из профессиональных мировых лиг включила в регламент четырехочковые броски. На площадку нанесена специальная линия, которая находится в 8,2 метра от кольца. За точные попадания из-за нее начисляются четыре очка.

### УЕФА ПРЕДСТАВИЛ НОВЫЙ ГИМН ЛИГИ ЧЕМПИОНОВ

◆ УЕФА изменил гимн Лиги чемпионов, который звучит перед проведением матчей турнира. В прошедших первых матчах раунда плей-офф отбора Лиги чемпионов сезона-2024/2025 гимн турнира звучал в новом исполнении. Ноты остались теми же, однако немного изменилось звучание музыкальных инструментов.

С сезона-2024/2025 в Лиге чемпионов будут играть 36 команд, а не 32, как прежде. Ранее клубы были разбиты на группы по четыре команды в каждой, теперь в ЛЧ будет использоваться так называемая швейцарская система, где все 36 команд будут находиться в единой турнирной таблице. Финал Лиги чемпионов УЕФА сезона-2024/2025 пройдёт 31 мая 2025 года на стадионе «Альянц Арена» в Мюнхене.

Напомним, мадридский «Реал» выиграл Лигу чемпионов по итогам минувшего сезона. В финале «сливочные» победили дортмундскую «Боруссию» со счётом 2:0.

### КЛУБ РПЛ ЗАЯВИЛ ФУТБОЛИСТА С ФАМИЛИЕЙ ИЗ 25 БУКВ

◆ Махачкалинское «Динамо» внесло в заявку на сезон в Российской премьер-лиге (РПЛ) иранского полузащитника, фамилия которого состоит из 25 букв. Это Мохаммаджавад Рамезан Хоссейннеджадмахаленколай.

Генеральный директор «Динамо» Шамиль Газизов сообщил «Матч ТВ», что на футболке у новичка будет надпись «Джавад».

21-летний футболист сборной Ирана подписал контракт с махачкалинским клубом. В сообщении его представили как Мохаммаджавада Хосейннеджада.

Иранец ранее выступал на родине за «Сепахан». В сезоне 2023/24 провел 22 игры за клуб в чемпионате и сделал три голевых передачи, а в четырех матчах в азиатской Лиге чемпионов отметился двумя голами и одним ассистом.

### 4012 КМ В СУТКИ: УСТАНОВЛЕН РЕКОРД РАССТОЯНИЯ, ПРОЙДЕННОГО ЗА ДЕНЬ НА МОТОЦИКЛЕ

◆ Испанский гонщик Иван Сервантес установил новый мировой рекорд по самому длинному расстоянию, пройденному на мотоцикле за 24 часа. На Triumph Tiger 1200 GT Explorer он преодолел 4012,53 километра на высокоскоростном кольце Нардо в Италии, сообщает Naked Science.

Сервантес побил предыдущий рекорд, установленный американцем Карлом Ризом в 2017 году, более чем на 600 километров. Средняя скорость нового рекордсмена составила 167,79 километра в час. За 24 часа он проехал 317 кругов трассы.

Примечательно, что мотоцикл, на котором был установлен рекорд, был выбран случайным образом на фабрике Triumph в Англии и не подвергался никаким модификациям.

### «КАРАБАХ» ВОШЕЛ В ИСТОРИЮ ЛИГИ ЧЕМПИОНОВ

◆ Азербайджанский «Карабах», забивший четыре мяча в дополнительное время ответного матча 3-го раунда квалификации Лиги чемпионов по футболу в ворота болгарского «Лудогорца» (7:2, первая игра – 1:2), стал пятой командой, кому удалось достичь этой цифры в еврокубках.

Как передает azerisport.com, на это обратила внимание Международная федерация футбольной истории и статистики (IFFHS). Ранее столько же забивал немецкий «Штутгарт» словацкому «Татрану» (1973 год, Кубок УЕФА, общий счет – 5:3), французский «Ланс» итальянскому «Лацио» (1977 год, Кубок УЕФА, общий счет – 6:0), кипрская «Омония» армянскому «Бананцу (2016 год, Лига Европы, общий счет – 4:1) и российский «Зенит» белорусскому «Динамо» (2018 год, Лига Европы, общий счет – 8:1).

Таким образом, учитывая вышеотмеченные результаты, чемпион Азербайджана стал первой командой в Лиге чемпионов, которой посчастливилось забить столько мячей в дополнительное время.

### ЮНЫЙ ГРОССМЕЙСТЕР ИЗ ТУРЦИИ УСТАНОВИЛ РЕКОРД

◆ Один из самых молодых гроссмейстеров в мире Ягиз Каан Эрдогмуш (13 лет) набрал 2 600 рейтинговых очков (ELO), став самым юным игроком, достигшим такого результата.

Как сообщает Oxu.Az, Шахматная федерация Турции поздравила своего молодого игрока с выступлением на Шахматном фестивале в Абу-Даби, где он и установил свой новый рекорд.

### ГЕОРГИЙ МАМАРДАШВИЛИ ПЕРЕХОДИТ В «ЛИВЕРПУЛЬ». НА ЧЕМПИОНАТЕ ЕВРОПЫ ОН 30 РАЗ СПАС СБОРНУЮ ГРУЗИИ ОТ МЯЧА СОПЕРНИКА

◆ Вратарь сборной Грузии по футболу Георгий Мамардашвили близок к подписанию контракта с английским «Ливерпулем».

За четыре матча чемпионата Европы Георгий Мамардашвили 30 раз спас свою команду. Это лучший результат среди всех голкиперов турнира. Талантливым футболистом тут же заинтересовались ведущие клубы Европы. Настойчивей всех оказался «Ливерпуль». Ожидается, что сумма сделки англичан с испанской «Валенсией», где сейчас играет Мамардашвили, составит порядка 40 миллионов евро. То есть с момента перехода в Испанию цена Георгия выросла почти в 50 раз.

Сейчас по официальным данным рыночная стоимость Мамардашвили составляет 45 миллионов евро. Самым дорогим грузинским футболистом остается Хвича Кварацхелия – 80 миллионов.

**Подготовлен по материалам интернет-изданий.**